**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– SOŇKY ÝYLLARDA DÖWLET DEREJESINDE ALNYP BARYLÝAN IŞLER NETIJESINDE MILLI GOŞUNYMYZYŇ MADDY-ENJAMLAÝYN BINÝADY DÖWREBAPLAŞDYRYLDY, ONUŇ KUWWATY PUGTALANDYRYLDY.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
4-nji noýabr, 2022. Belgisi 44/1506



# WATANYMYZYŇ ASUDALYGYNYŇ GORAGYNDA

**2-nji noýabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň on aýynda harby we hukuk goraýjy edaralaryň alyp baran işleriniň netijelerine garaldy.**

Mejlisde harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary çykyş edip, ýanwar-oktýabr aýlarynda geçirilen işler, ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde sanly ulgamy ornaşdyrmak, işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak, şeýle hem ýolbaşçylyk edýän gulluklaryny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça durmuşa geçirilen toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrina laýyklykda, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň yzygiderli berkidilýändigini, iň häzirki zaman tehnikalarynyň we enjamlaryň satyn alynýandygyny, serkerdeleriň, esgerleriň söweşjeň taýýarlygynyň ýokarlanýandygyny nygtady.

Görülýän ähli anyk çäreler Watanymyzyň howpsuzlygyny, onuň mukaddes serhetleriniň goralmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi hem-de harby we hukuk goraýjy edaralaryň öňünde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi. Işgärler bilen üpjünçiligi pugtalandyrmagyň, harby gullukçylaryň hünär başarnyklaryny yzygiderli ýokarlandyrmagyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň şahsy düzüminiň arasynda watançylyk-terbiýeçilik çärelerini guramagyň zerurdygyny aýdyp, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goranmak ministrine, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretaryna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz hukugy goramagyň hem-de kanunylygy üpjün etmegiň möhüm döwlet edarasy hökmünde prokuraturanyň eýeleýän ornuny belläp, bu edaranyň işgärleriniň üstlerine ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmäge jogapkärli çemeleşmelidiklerini, giň dünýägaraýşa we öňdebaryjy tehnologiýalar bilen işlemek başarnygyna eýe bolmalydyklaryny nygtady. Hormatly Prezidentimiz sanly ulgamy işjeň ulanmak arkaly bu edaranyň işini kämilleşdirmek baradaky meseleleri hemişe üns merkezinde saklamagy tabşyryp, Baş prokurora anyk görkezmeleri berdi.

Türkmenistanda kanunçylygyň we hukuk düzgün-tertibiniň berjaý edilişine gözegçilik etmegiň zerurdygyna aýratyn üns çekildi. Şunuň bilen birlikde, paýtagtymyzda hem-de welaýatlarda ulag serişdeleriniň sazlaşykly hereketiniň üpjün edilmeginiň, ähli edaralarda ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň berjaý edilişine yzygiderli barlaglary geçirmegiň wajypdygy bellenildi. Işlemegiň häzirki zaman guramaçylyk görnüşlerini, IIM-niň hemme düzüm bölümlerinde sanly ulgamy ulanmak, işgärleriň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak öňde durýan işleriň möhüm ugurlarynyň hatarynda çykyş edýär diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy aýtdy hem-de içeri işler ministrine degişli görkezmeleri berdi.

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyz kazyýet ulgamynda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň ähmiýetine ünsi çekdi. Öňde durýan wezipeleri üstünlikli çözmek üçin täzeçil tehnologiýalary ulanmak arkaly, kazyýet edaralarynyň işgärleriniň hünär başarnyklaryny kämilleşdirmek boýunça okuw maslahatlaryny guramak zerur diýip, Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy edaranyň ýolbaşçysyna degişli tabşyryklary berdi.

Syýasy durnuklylyk, halkymyzyň mizemez agzybirligi we jebisligi, parahatçylykly, döredijilikli zähmeti Watanymyzyň düýpli özgertmeler ýoly bilen üstünlikli öňe ilerlemeginiň kesgitleýji şerti bolup durýar. Milli howpsuzlyk ministrliginiň alyp barýan işleriniň ileri tutulýan ugry ýurda häzirki zamanyň ählumumy howplarynyň aralaşmagyna ýol bermezlikden ybaratdyr diýip, hormatly Prezidentimiz bu düzümiň ýolbaşçysyna ýurdumyzda howpsuzlygy, jemgyýetde abadançylygy, hukuk tertibini üpjün etmek üçin beýleki hukuk goraýjy edaralar bilen ýakyn gatnaşyklary saklamagy tabşyrdy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Döwlet serhet gullugynyň üstüne ýüklenilen wezipeleriň möhümdigine ünsi çekdi. Döwletimiz bu düzümiň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak meselelerine hemişe goldaw berýär diýip, döwlet Baştutanymyz şahsy düzümiň söweşjeň, hünär taýýarlyk derejesini ýokarlandyrmagy hemişe gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz hukuk özgertmeleriniň möhüm ugurlary barada aýdyp, ýurdumyzyň kanunçylygyny seljermelidigini hem-de hereket edýän kanunlara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda teklipleri taýýarlamalydygyny nygtady. Kabul edilýän kadalaşdyryjy resminamalar barada ilat arasynda düşündiriş häsiýetli çäreleri talabalaýyk derejede geçirmeli diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy belledi hem-de adalat ministrine anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň çäklerinden geçýän üstaşyr ulag geçelgeleriniň mümkinçiligini giňeltmek maksady bilen, Döwlet gümrük gullugynyň alyp barýan işleriniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitledi. Daşary döwletleriň ugurdaş düzümleri bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek we öňdebaryjy tejribeleri öwrenmek möhümdir diýip, hormatly Prezidentimiz gullugyň ýolbaşçysyna öňde goýlan wezipeleri üstünlikli çözmek boýunça anyk tabşyryklary berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Türkmenistanyň dünýä bileleşigi bilen oňyn gatnaşyklarynyň üstünlikli ösdürilýän häzirki döwründe Döwlet migrasiýa gullugynyň her bir işgäriniň möhüm borjunyň döwlet özygtyýarlylygynyň esaslaryny pugtalandyrmaga hemmetaraplaýyn ýardam bermekden ybaratdygyny belledi. Bu ulgamda dünýä tejribesiniň işjeň özleşdirilmegine, ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyna, ýerine ýetirilýän migrasiýa hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlandyrylmagyna aýratyn üns berilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz gullugyň ýolbaşçysyna anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlisi jemläp, Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň bitaraplyk hukuk derejesine pugta ygrarlydygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň dünýäniň ýurtlary we halklary bilen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny yzygiderli saklaýandygy bellenildi. Şu ýörelgelere esaslanyp, Harby doktrinamyz diňe goranyş häsiýetine eýedir, şoňa laýyklykda, harby we hukuk goraýjy edaralaryň düzümleri mundan beýläk-de yzygiderli kämilleşdiriler, Watanymyzyň goranyş ukyby pugtalandyrylar diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady. Harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş, gulluk şertlerini yzygiderli gowulandyrmak boýunça mundan beýläk-de uly işleriň amala aşyryljakdygyna, serkerdeleriň netijeli işlemegi üçin giň mümkinçilikleriň dörediljekdigine aýratyn üns çekildi.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde beýleki meselelere-de garalyp, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.



## Ekologiýa abadançylygy – sagdyn durmuşyň kepili

Garaşsyz Türkmenistan ekologiýa diplomatiýasyny özüniň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde öňe sürmek bilen, tebigaty goramakda halkara gatnaşyklary pugtalandyrmaga saldamly goşant goşýar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan anyk kesgitlenilen we üstünlikli çözülýän wezipeler Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň kabul eden, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin ählumumy Gün tertibinde beýan edilen Durnukly ösüşiň maksatlary bilen berk baglydyr.

Eziz Diýarymyzda daşky gurşawy goramak, tebigata aýawly garamak, onuň gözelligini we baýlygyny geljek nesillere ýetirmek hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Ekologiýa medeniýetiniň ösmegi bilen adamlarda «ýaşyl» gurluşyklara bolan gyzyklanma artýar we bu ugurdaky milli, halkara derejelerdäki taslamalar uly goldaw tapýar. «Ýaşyl» taslamalar işlenilip taýýarlanylanda adamyň saglygyna peýdalylygy, düýbünden howpsuzlygy we daşky gurşawa zyýanly täsiriniň pes derejedeligi göz öňünde tutulýar. 3

## TÜRKMENISTANYŇ DOLANDYRYŞ-ÇÄK GURLUŞY KÄMILLEŞDIRILÝÄR

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň sebitlerini ösdürmäge, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga gönükdirilen işler üstünlikli dowam etdirilýär. Ýurdumyzyň döwletlilik binýady has-da berkidilip, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirlen maksatnamalar, ykdysady özgertmeler durmuşa geçirilýär we täze iş orunlary döredilýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň: «Halkyň abadan, asuda we bagtyýar durmuşda ýaşamagy hakyndaky alada döwlet syýasatymyzda hemişe öňe sürýän baş maksadymyzdyr» diýen sözleriniň ýurdumyzda adam hakynda edilýän aladadan nyşandygyny aýdyň görkezýär.*



Häzirki wagtda 2022-2052-nji ýyllarda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady syýasaty durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, döwlet dolandyryş ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmäge, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny artdyrmaga, hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga hem-de abadan we bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», şeýle-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak, welaýatlaryň şäherlerini we obalaryny ösdürmek boýunça ýurdumyzda ykdysadyýetiň ähli pudaklary döwrebaplaşdyrylýar we sanly ulgama geçirilýär. Şonuň ýaly-da, ýurdumyzyň ilatynyň köpelmegi, şäherleşme derejämiziň ösmegi, dürli ugurly senagat kärhanalaryň artmagy bilen şähergurluşyk işiniň ösdürilmegi babatda giň möçberli maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Şeýle hem ýurdumyzda durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek, iri dolandyryş-çäk birliklerini döretmek hem-de durmuş-ykdysady ösüşiň möhüm görkezijileriniň biri bolan şäherleşme derejesini ýokarlandyrmak babatda maksatnamalaýyn, giň gerimli işler hem durmuşa geçirilýär. 3



## Sanly bilim ulgamy ösdürilýär

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ata Watanymyzda ylym-bilim babatda gazanylýan üstünlikler biziň her birimizi begendirýär, buýsandyrýar. Ýurdumyzda halkara diller bolan iňlis we rus dillerini ylym-bilim ulgamynda öwrenmeklige-de uly üns berilýär. Elbetde, dilleri öwrenmek üçin döredilýän amatly şertler ýurdumyzyň dünýä bileleşiginde abraýyny artdyrýar, uly ösüşlere badalga berýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň bilimli, sowatly, giň gözýetimli bolup ýetişmegi üçin uly aladalar edýär. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynyň has-da kämilleşdirilmegi üçin düýpli işler amala aşyrylýar. Diýarymyzda döwrüň talaplaryna laýyk gelýän häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan täze orta we ýokary okuw mekdepleriniň sany artýar. Bu bolsa sanly bilimi ösdürmekde, kämil hünärmenleri taýýarlamakda möhüm ähmiýete eýedir.

Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň ösüşi dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň esasynda sanly bilim ulgamyna doly geçilmegi, okatmagyň innowasion usullary bilen utgaşdyrylyp, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň giňden ornaşdyrylmagy bilen pugta baglanyşyklydyr. 3

### BMG howanyň goragynda

Dünýä ýurtlary ýyladyşhana gazlarynyň howa goýberilýän möçberlerini azaldýarlar, emma bu tagallalar 2100-nji ýyla çenli ählumumy maýlamanyň 1,5 dereje ýokarlanmagynyň öňüni almak üçin ýeterlik däldir. 4

### Meşhur tohum itleri

It irki döwürlerden bäri adamzadyň ýakyn ýoldaşy bolup, öýi, sürini goramaga, aw etmäge, ulag serişdesiniň barmaýan ýerlerine poçta äkitmäge, ys alyjylygy esasynda ýiten zatlary tapmaga kömek edipdir. 5

### «Ahalyň» uly hasaply ýeňşi

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 17-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 3 duşuşykda ýer eýeleri ýeňiş gazanyp, jemi 18 gol hasaba alyndy. 7



# TÜRKMENISTAN — RUSSIÝA: PARLAMENTARA GATNAŞYKLARY PUGTALANDYRYLÝAR

2-nji noýabrda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasyna resmi saparynyň çäklerinde RF-niň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň umumy mejlisinde maksatnamalaýyn çykyş etdi hem-de Russiýanyň Federal Ýygnagynyň Döwlet Dumasynda duşuşyk geçirdi.

Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy umumy mejlisi açyp, Federasiýa Geňeşinde Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň meşhur döwlet syýasy işgäri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň wekiliýetiniň saparda bolýandygyny aýtdy. Walentina Matwiýenkonyň belleýşi ýaly, Gurbanguly Berdimuhamedow üç gezek ýurduň Prezidenti wezipesine saýlanyldy. 2021-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň parlamentiniň ýokarky palatasyna ýolbaşçylyk edýär, öz ýurdunda hem, onuň çäklerinden uzakda hem uly abraýdan peýdalanýar. Milletiň hemaýatkäri, öňbaşçysy diýen manyny özünde jemleýän Arkadag adyna resmi derejede eýe boldy. Arkadagyň parasatly baştutanlygynda beýleki halklar babatda türkmen milletine mahsus bolan parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Munuň özi hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolan Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunda öz beýanyny tapýar diýip, Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy sözüni dowam etdi.

Soňky ýyllarda biziň kärdeşimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen hem-de hut özüniň gatnaşmagynda köpugurly parlament gatnaşyklaryny pugtalandyrmak boýunça taslamalar örän ýokary derejä çykaryldy diýip, Walentina Matwiýenko aýtdy. Şu ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň paýtagtynda Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumynyň, şeýle hem «5+1» täze «Aşgabat görnüşinde» Zenanlaryň dialogynyň uly üstünlik bilen geçirilendigine aýratyn üns çekildi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda-da bu başlangyçlar işjeň durmuşa geçirilýär hem-de täze many-mazmuna eýe bolýar.

Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýanyň hakyky dostudyr hem-de rus-türkmen gatnaşyklarynyň ösdürilmegi ugrunda köp tagalla edýär we gujur-gaýratyny gaýgyrmaýar. Köp sanly ähmiýetli taslamalar Arkadagyň ady bilen baglanyşyklydyr, olaryň durmuşa geçirilmegi biziň ýurtlarymyzyň arasynda köpugurly hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge mümkinçilik berdi diýip, Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy aýtdy.

Bellenilişi ýaly, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň hormatly Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedowy ýokary döwlet sylagy — IV derejeli «Watanyň öňünde bitiren hyzmatlary üçin» ordeni bilen sylaglamak hakyndaky çözgüdi Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygynyň strategik hyzmatdaşlygyň çuňlaşdyrylmagyna goşýan uly goşandynyň ykrarnamasy boldy. Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygynyň alyp barýan döwlet we jemgyýetçilik işiniň ýaş nesil üçin nusgalyk göreldedigini aýratyn belläp, Walentina Matwiýenko hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa söz berdi.

Gahryman Arkadagymyz Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygyny hem-de Federasiýa Geňeşiniň agzalaryny mübärekläp, ilki bilen, Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenko Russiýa Federasiýasyna resmi sapar bilen gelmäge çakylygy hem-de RF-niň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň belent münberinde çykyş etmäge, ikitaraplaýyn parlamentara gatnaşyklary pugtalandyrmagyň geljegi barada pikir alyşmaga, kanun çykaryjylyk işi boýunça özara tejribe alyşmaga, halkara giňişlikdäki hyzmatdaşlygyň ugurlaryny kesgitlemäge döredilen mümkinçilik üçin aýratyn minnetdarlyk bildirdi.

Türkmenistanyň hem-de Russiýanyň kanun çykaryjy edaralarynyň ýakyn özara gatnaşyklary iki döwletiň arasyndaky toplumlaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhüm we aýrylmaz bölegidir. Soňky ýyllarda iki ýurduň parlamentleriniň bilelikdäki tagallalary netijesinde köp işler durmuşa geçirildi. Durnukly parlamentara dialog ýola goýuldy, hünär gatnaşyklarynyň gurallary işledildi, yzygiderli esasda wekiliýetler alşylýar diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady hem-de bu işi iki döwletiň halklarynyň arasyndaky özara düşünişmegi pugtalandyrmagyň möhüm we netijeli bölegi hasaplaýandygyny aýdyp, oňa ýokary baha berdi.

Şunuň bilen baglylykda, Russiýanyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygynyň iki ýurduň parlamentleriniň ýokarky palatalarynyň Başlyklarynyň orunbasarlarynyň derejesinde Hyzmatdaşlyk boýunça parlamentara toparyny döretmek baradaky teklibini Türkmenistanyň uly hormat bilen goldandygy hem-de ony iki tarapyň hem bähbidine laýyk hasaplaýandygy bellenildi. Türkmen-rus parlamentara gatnaşyklary sebit we ählumumy derejede parahatçylygyň hem-de durnuklylygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar. Biziň parlamentarilerimiziň halkara forumlaryň işine gatnaşmagy syýasy, ykdysady, ynsanperwer hyzmatdaşlygyň üstünlikli alnyp barylmagy üçin amatly hukuk ýagdaýlaryny we şertlerini döretmäge gönükdirilendir.

Çykyşynyň dowamynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy parlament diplomatiýasynyň halkara giňişlikde parahatçylygy, ynanyşmagy we açyklygy pugtalandyrmak işine uly goşant goşmaga, dünýäniň syýasy gün tertibine oňyn itergi bermäge, ykrar edilen halkara hukuk kadalarynyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünleriniň, esasy halkara ylalaşyklaryň we konwensiýalaryň ýoýulmagyna ýol bermezlige gönükdirilendigine ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, dürli ýurtlaryň kanun çykaryjy edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň, dünýäde döredilen parlament birleşikleriniň, ilkinji nobatda, olaryň iň irisiniň we abraýlysynyň – Parlamentara Birleşigiň orny ýokarlanýar diýip, hormatly Arkadagymyz aýtdy.

Häzirki günde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Parlamentara Assambleýasynyň görnüşindäki gatnaşyklar uly ähmiýete eýe bolýar. Biziň pikirimizçe, bu geljegi örän uly ugur diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkmenistanyň hem-de Russiýanyň wekilleriniň bu meýdançada bilelikdäki başlangyçlary bilen, ilkinji nobatda bolsa, gatnaşyjy döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygyň hukuk binýadyny pugtalandyrmak, ynsanperwer, jemgyýetçilik, medeni hyzmatdaşlygy ösdürmek, zenanlaryň we ýaşlaryň ugry boýunça gatnaşyklary ýola goýmak meselelerinde başlangyçlar bilen çykyş etmelidiklerini belledi.

Sebit we sebitara parlament forumlarynyň çäklerindäki bilelikdäki işimiz netijeli hyzmatdaşlygyň ýene-de bir görnüşidir. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň maý aýynda Türkmenistanda üstünlikli geçen iki iri çäräniň – Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumynyň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýanyň Zenanlarynyň dialogynyň ähmiýeti bellenildi.

Söwda-ykdysady ulgam Türkmenistanyň hem-de Russiýa Federasiýasynyň strategik hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy ikitaraplaýyn haryt dolanyşygynyň oňyn ösüşini, eksport-import amallarynyň möçberiniň artýandygyny, türkmen we rus kompaniýalarynyň giň möçberli, uzak möhletleýin ykdysady taslamalary amala aşyrýandyklaryny belledi. Energetika, ulag, ýokary tehnologiýalar ulgamlary, senagat, söwda, oba hojalygy tagallalary birleşdirmegiň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Häzirki günde ykdysadyýetiň şu we beýleki ugurlarynda Türkmenistanda täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmäge, ýollary we düzümleri gurmaga, dürli pudaklara innowasiýalary, täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga gönükdirilen uly işler amala aşyrylýar.

Biz hemişe Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagy, olara täze hil-häsiýetiň berilmegi, bu gatnaşyklaryň köpugurly ykdysady hyzmatdaşlyk derejesine çykarylmagy we şunda esasy ornuň maýa goýum, maliýe, tehnologiýa ugurlaryna degişli bolmagy ugrunda çykyş edýäris diýip, hormatly Arkadagymyz aýtdy.

Biziň pikirimizçe, ýokarda agzalan wezipeleriň çözülmegine iki ýurduň parlamentarileri öz goşandyny goşmalydyrlar. Häzirki döwrüň ykdysady gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän täze kanunlary kabul etmek, bu ugurda milli kanunçylyklarymyzy oýlanyşykly we deňagramly sazlaşdyrmak, ikitaraplaýyn ykdysady ylalaşyklary öz wagtynda tassyklamak, ykdysady taýdan kooperirleşmegiň meselelerine parlament derejesinde özara garamak türkmen-rus ykdysady gatnaşyklaryny mundan beýläk-de işjeňleşdirmek maksady bilen, biziň ýakyn wagtda garamaly meselelerimiziň diňe bir bölegidir diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady.

Biziň şu günki duşuşygymyz Türkmenistanyň we Russiýanyň halklarynyň medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryna gysgaça üns çekmäge oňyn mümkinçilik döretdi. Halklarymyzyň gadymy taryhy, medeni kökleriniň we dünýägaraýyşlarynyň umumylygy, parahatçylyk, hoşniýetlilik, adalatlylyk taglymlaryna esaslanýan däp-dessurlary köpugurly ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek üçin berk binýatdyr. Medeniýetiň, sungatyň, ylmyň, bilimiň üsti bilen biz hyzmatdaşlygymyzyň strategiýasyny we mazmunyny baýlaşdyryp bileris diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy hem-de häzirki pursatdan peýdalanyp, Türkmenistanda rus diline, edebiýatyna, rus halkynyň medeni we ruhy gymmatlyklaryna uly hormat goýulýandygyny aýratyn bellemek isleýärin diýip, sözüni dowam etdi.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda rus dilinde bilim berýän onlarça mekdebiň bardygy, A.S.Puşkin adyndaky umumybilim berýän türkmen-rus mekdebiniň hereket edýändigi, rus diliniň ähli orta we ýokary okuw mekdeplerinde okadylýandygy kanagatlanma bilen bellenildi. Häzirki wagtda Aşgabatda Rus drama teatrynyň taslamasynyň we gurluşygynyň üstünde işlenilýär, Türkmen-rus uniwersitetini döretmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Şunuň bilen birlikde, şu belent münberden Russiýanyň çäklerindäki ýadygärliklerde, heýkel kompozisiýalarynda, edaralaryň atlarynda türkmen halkynyň beýik ogly, filosof, şahyr we akyldar Magtymguly Pyragynyň keşbiniň ebedileşdirilendigi üçin minnetdarlygymy beýan etmek isleýärin. 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy belleniler diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy nygtady.

Aýdylanlary nazara alyp, hormatly Arkadagymyz medeni-ynsanperwer ulgamda parlamentara gatnaşyklaryň mümkinçiligine garalmagyny maksadalaýyk hasaplaýandygyny, bu gatnaşyklaryň mazmunyny degişli orta möhletleýin toplumlaýyn maksatnamada beýan edip boljakdygyny belledi. Bu resminamany işläp taýýarlamak, iki ýurduň parlamentleriniň ýokarky palatalarynyň ugurdaş komitetlerine tabşyrmak teklip edildi. Şeýle hem Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkmenistanyň we Russiýanyň parlamentarileriniň öz belent jogapkärçiliklerine düşünýän, hemme işlerini adamlaryň bähbidine gönükdirýän pikirdeşdiklerine ynam bildirdi.

Çykyşynyň ahyrynda hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Walentina Matwiýenko, Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň ýokarky palatasynyň ähli agzalaryna bu döredijilikli işe işjeň gatnaşandyklary we saldamly goşantlary üçin minnetdarlyk bildirdi.

* * *

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Döwlet Dumasynyň Başlygy Wýaçeslaw Wolodiniň arasynda gepleşikler geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda netijeli türkmen-rus gatnaşyklaryny okgunly ösdürmekde parlament diplomatiýasynyň eýeleýän möhüm orny nygtaldy. Iki ýurduň kanun çykaryjy edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmek, şeýle-de bilelikdäki çäreleri guramak arkaly tejribe alyşmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygyna aýratyn üns çekildi. Taraplaryň pikirine görä, hukuk ulgamynda hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegi deňhukuklylyk, ynanyşmak, özara hormat goýmak ýörelgeleri esasynda ýola goýulýan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna ýardam bermelidir.

## Şa zenanynyň ulagy auksiona çykarylar

Merhum Şa zenany Ýelizaweta II degişli bolan «Jaguar X-Type Estate» kysymly awtoulag auksionda satylar. Bu awtoulag üçin başlangyç baha kesgitlenmedi. Ýaşyl reňkdäki awtoulag 120 müň kilometr ýol geçipdir. Awtoulagyň «V6» üç litrli hereketlendirijisi bar. Bu söwdany «Historics Auctioneers» auksion öýi gurar. Ulagyň islendik bahadan satylmagy meýilleşdirilýär. Bilermenler bu ulagyň ýokary bahadan satylyp bilinjekdigini belleýärler. Mundan ozal Beýik Britaniýanyň patyşasy Karl III tarapyndan Şa zenany Ýelizaweta II degişli bolan atlaryň birnäçesi satylypdy.



**Aýnur PAÝZULLAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Günorta afrikaly dellegiň rekordy

Günorta afrikaly dellek 5 adamyň saçyny iň tiz wagtda bejerip, dünýä rekordyny goýdy. Ol özüniň müşderilerine 18 minut 57 sekuntda hyzmat edip, Ginnesiň rekordlar kitabyna girmegi başardy. Ýohannesburgly Enriko Springfild 10 ýyldan bäri dellekhanada işleýär. Ol öz kärine 13 ýaşynda başlap, ilkinji dellekhanasyny çaklaňja ýerde açypdyr. 23 ýaşyndaky dellek öz müşderileriniň saçyny «skin fade» görnüşinde bejerip, rekordyň eýesi boldy.



Dellek rekordyny hasaba aldyrmak üçin 5 müşderisiniň saçyny 20 minutdan az wagtda deňlemelidi. Ol her bir müşderisi üçin 4 minutdan az wagt sarp edip, rekord gazanmagyň hötdesinden geldi.

**Aýgül HAJYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 25 milliondan gowragy satyldy

«Sony» kompaniýasy 2022-nji maliýe ýylynyň üçünji çärýeginde 3,3 million «PlayStation 5» satypdyr. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäki bilen deňeçer bolupdyr. Şeýlelikde, bu enjamyň ilkinji nusgasynyň çykanyndan bäri satylan «PlayStation»-leriniň sany 25 milliona ýetipdir. Geçen ýylyň degişli döwründäki bilen deň satylan hem bolsa, bu ýyl has köp girdeji gazanylypdyr. «PlayStation 5»-iň bahasynyň ozalky nusgasyndan gymmat bolmagy girdejisini 12 göterim artdyryp, 4,92 milliard dollara ýetiripdir.



**Sahydursun ÝAGŞYMYRADOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Syýahatçylyk pudagy ösýär

Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy şu ýylyň ilkinji ýedi aýyna degişli maglumatlary ýaýratdy. Dünýädäki syýahatçylygyň ýagdaýyny görkezýän bu maglumatlar her bir ýurduň beren hasabaty esasynda taýýarlanypdyr.



Maglumatda her bir ýurduň 2019-njy ýyldaky bilen deňeşdirilende syýahatçylarynyň näçeräk azalandygy görkezilýär. Syýahatçylyk bilermenleri iýulyň ahyryndaky ýagdaýyň dowam edendigini hasaba alyp, ýylyň on aýyndaky syýahatçylygyň ýagdaýy barada maglumat taýýarlapdyrlar. Netijede, syýahatçylyk pudagynda pandemiýadan ozalky ýagdaýa görä, iň az ýitgi çeken ýurtlaryň arasynda Birleşen Arap Emirlikleri (3 göterim), Türkiýe (7 göterim) we Daniýa (8 göterim) öňdeligi eýeleýär. Ýaponiýa, Tailand, Malaýziýa ýaly Aziýa ýurtlary 80 göterimden hem köp ýitgi çekipdirler. Maglumata görä, Ispaniýa dünýäniň syýahatçylyk pudagynda hemişe öňdäki orny eýeleýän ýurdy bolan Fransiýadan öňe geçipdir.

**Aknabat DÖWLETOWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.*

## Arassa energiýa üçin maýa goýum

Birleşen Arap Emirlikleri arassa energiýany kämilleşdirmek babatda ABŞ bilen hyzmatdaşlyk eder. Abu-Dabi Halkara nebit sergisinde we maslahatynda (ADIPEC 2022) BAE-niň senagat we ýokary tehnologiýa ministri Sultan al-Jabir bilen ABŞ-nyň Halkara energetika işleri boýunça ýörite utgaşdyryjysy Amos Hoşteýniň arasynda arassa energiýa taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin 100 milliard dollarlyk şertnama gol çekildi. Taslamanyň çäklerinde 2035-nji ýyla çenli iki ýurtda we beýleki döwletlerde jemi önümçilik kuwwaty 100 gigawata ýetýän beketler gurlar. Bu hyzmatdaşlygyň iki ýurduň 2050-nji ýyla çenli «howa bitaraplygyna» ýetmeklerine ýardam etjekdigi bellenildi. Taraplaryň tehniki goldaw, taslamanyň dolandyrylyşy we maliýe üpjünçiligi ýaly goldawlary bermek arkaly ösüp barýan ýurtlara ykdysady we daşky gurşaw üçin durnukly taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşjakdygy mälim edildi.



**Aýmyrat ATAMYRADOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Önümçiligi azaldylar

«TrendForce» marketing kompaniýasy «Apple»-iň orta derejeli smartfony bolan «iPhone 14 Plus»-yň önümçiligini islegiň pes bolmagy sebäpli azaldandygyny, «iPhone 14 Pro»-nyň önümçiligini artdyrandygyny mälim etdi. Ilkibaşdaky meýilnama görä, has gymmat bolan «iPhone 14 Pro»-nyň önümçiliginiň paýy seriýanyň umumy önümçiliginiň 50 göterimi bolmalydy. Täze meýilnama görä, «iPhone 14 Pro»-nyň 14-nji seriýa degişli smartfonlaryň arasyndaky paýy, ilki 60 göterime, soňra 65 göterime ýetiriler. Bilermenleriň pikirine görä, amerikan kompaniýasy azalan önümçilik sebäpli peselen girdejiniň öwezini gymmat bahaly telefonlaryň az sanlysyny satmak arkaly dolmak isleýär. Mundan ozal hem kompaniýanyň «premium» enjamlary («Pro» we «Pro Max») girdejisini artdyrmaga ýardam edipdi.



**Maýsa JUMABERDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Iň gowy myhmanhanalar



80 ýyldan bäri ýaýradylýan «Fodor's» syýahatçylyk neşiri geljek ýyl üçin iň gowy myhmanhanalaryň sanawyny mälim etdi. Neşiriň 700-den gowrak awtory bolup, olaryň makalalary neşir edilýär. Syýahatçylyk pudagynda ygtybarly çeşmeleriň biri hasaplanýan neşir 92 myhmanhananyň sanawyny taýýarlady.

Sanawyň Ýewropa sebitindäki myhmanhanalaryna «Borgo Santandrea», «Borgo Santo Pietro», «Grand Hotel Tremezzo» (Italiýa), «Santa Gertrudis» (Ispaniýa), «Coco Otel» (Daniýa), «D'une île» (Fransiýa), «The Dolder Grand» (Şweýsariýa), «Otel Imperial» (Awstriýa), «Kalesma Mikonos», «Parilio Paros» (Gresiýa), «Kayakapı Premium Caves» (Türkiýe), «Levin Iglut» (Finlýandiýa) we «The Twenty Two» (Angliýa) girdi.

**Gyzylgül JORAÝEWA,**
*Türkmenbaşy Dokma toplumynyň Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň başlygy.*

## Elektrik geçiriji plastik öndürildi

ABŞ-nyň Çikago uniwersitetiniň hünärmenleri plastik ýaly aňsatlyk bilen gaýtadan işläp bolýan, emma elektrik energiýasyny metaldan hem aňsat geçirýän maddany oýlap tapdylar. Ýokary okuw mekdebiniň ylmy işgäri, himiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent Jon Anderson bu maddanyň elektrik energiýasyny geçirýändigini, aňsatlyk bilen şekili üýtgedip bolýandygyny we gündelik şertlerde has çydamlydygyny aýtdy. Adatça, geçirijiligi bolan maddalar bir tekiz, gysylan atomlardan ýa-da molekulalardan emele gelýän bolsa, täze maddany emele getirýän zerrejikler ýaýraň ýagdaýda durýar. Şeýle-de bolsa elektrik energiýasyny aňsatlyk bilen geçirýär. Bu açyş barada «Nature» žurnalynda ylmy makala çap edilipdir.



**Maýa GELDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Abunaçylarynyň sany ýokarlandy

Dünýäniň öňdebaryjy aýdym-saz mobil goşundylarynyň biri bolan «Spotify»-niň abunaçylarynyň sany ýylyň üçünji çärýeginde garaşylyşyndan ýokary boldy. Merkezi edarasy Stokgolm şäherinde ýerleşýän kompaniýanyň ulanyjylarynyň sany üçünji çärýekde geçen ýylyň degişli döwründäkiden 20 göterim artyp, 456 milliona ýetipdir. Ykdysady bilermenler bu görkezijiniň 450,7 million bolmagyna garaşýardylar. Mobil goşundynyň tölegli ulanyjylarynyň sany 13 göterim artyp, 195 milliona ýetipdir. Şeýle hem degişli döwürde kompaniýanyň girdejisi 3,04 milliard ýewro bolupdyr. «Spotify»-niň biržadaky paýnamalary 2,5 göterim ýokarlanyp, 97,05 dollara ýetipdir.



**Begenç BÄŞIMOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## Ikinji laboratoriýasyny uçurdy

Hytaýyň adamly kosmos maksatnamasy agentligi (CMSA) «Long March 5B» göteriji raketasy arkaly ikinji laboratoriýa bekediniň uçurylandygyny mälim etdi. Laboratoriýanyň Ýeriň aşaky orbitasyndaky kosmos bekedine baryp birigendigi mälim edildi. «Mengtian» atly laboratoriýa Şanhaýyň Kosmos tehnologiýasy akademiýasy tarapyndan işlenip taýýarlandy. Uzynlygy 17,9 metre, diametri 4,2 metre ýetýän modulyň agramy 23 tonna barabar.



Hytaý Ýeriň orbitasyndaky kosmos bekediniň gurluşygyny alyp barýar. Mundan ozal bu bekediň birinji laboratoriýasy bolan «Wentian» uçurylypdy. Hytaýyň özbaşdak gurýan «Tiangong» atly bu kosmos bekedi esasy moduldan, iki laboratoriýadan we bir kosmos teleskopyndan ybarat.

**Emir BADYŞOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## BILDIRIŞ

Ak bugdaý etrabynyň Täze durmuş obasynyň A.Daňatarow köçesiniň 3/1 jaýynyň ýaşaýjysy Güljan Gurbandurdyýewa Annaýarowna degişli bolan awtoulaga 04.07.2018ý. berlen TM № 2507267 belgili bellige alnanlygy hakynda güwänamanyň ýitirilendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 4-i, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110455
Belgisi: 44/1506
Tiražy: 6740
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**elektron poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# TÜRKMENISTANYŇ DOLANDYRYŞ-ÇÄK GURLUŞY KÄMILLEŞDIRILÝÄR





Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şu ýylyň 22-nji oktýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň agzalarynyň we Mejlisiň deputatlarynyň, welaýatlaryň häkimleriniň, käbir ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmaklarynda ýurdumyzyň döwlet dolandyryş ulgamyny has-da kämilleşdirmek, welaýatlaryň etraplarynyň, şäherleriniň we obalarynyň dolandyryş-çäk birliklerine gaýtadan seretmek meselelerine bagyşlanyp geçirilen mejlisi hem onuň aýdyň güwäsidir.

Berkarar döwletimizde obalarymyz Oba milli maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde täze keşbe eýe bolup, olaryň çäkleri barha giňelýär. Ýurdumyzyň dolandyryş-çäk gurluşyny kämilleşdirmek boýunça geçirilen işleriň netijesinde soňky döwürde obalaryň ençemesi şäherçe hukuk ýagdaýyna eýe bolýarlar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, dolandyryş-çäk birliklerini döretmegiň we üýtgetmegiň tertibi «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenýär. Kanuna laýyklykda, welaýatlary, etraplary, şäherdäki etraplary, geňeşlikleri döretmek we ýatyrmak, ilatly ýerleri şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň derejesine degişli etmek, olaryň adyny üýtgetmek, şeýle hem dolandyryş-çäk gurluşynyň beýleki meselelerini çözmek welaýatlaryň häkimlikleriniň hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamalary boýunça Türkmenistanyň Milli Geňeşi tarapyndan amala aşyrylýar. Bu babatda degişli teklipler işlenip taýýarlananda, netijeli dolandyryş, ykdysady mümkinçilikler, ilat üçin döwlet hyzmatlarynyň elýeterliligi, senagatlaşdyrmak, iri ilatly ýerleri döretmek we bu ýerleri geljekde ösdürmek üçin amatly şertleri üpjün etmek nukdaýnazaryndan ugur alynýar.

Bellenilişi ýaly, ýer, suw serişdelerinden rejeli peýdalanmagyň we dolandyrmagyň netijeli usullarynyň ornaşdyrylýan döwründe ýurdumyz boýunça dolandyryş-çäk gurluşyny kämilleşdirmegiň çäklerinde taýýarlanylan tekliplere laýyklykda, 6 etraby, 5 sany etrap hukukly şäheri, 1 sany şäherdäki etraby, 2 şäherçäni, 36 sany geňeşligi ýatyrmak, 36 obany dolandyryş-çäk birlikleriniň sanawyndan aýyrmak boýunça teklipler öňe sürüldi. Şeýle-de, durmuş-ykdysady ösüşiň möhüm görkezijileriniň biri bolan şäherleşme derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, 6 oba şäherçe derejesini berip, 19 obany we 3 sany şäherçäni şäherlere birikdirmek bilen, iri dolandyryş-çäk birliklerini emele getirmek hem-de 6 sany ilatly ýere oba derejesini bermek teklip edildi. Mundan başga-da, mejlisde häzirki döwrüň talaplaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň ilatynyň oba ýerleriniň taryhy atlarynyň dikeldilmegi bilen bagly tekliplerini, haýyşnamalaryny göz öňünde tutup, ýurdumyz boýunça 2 etrabyň, 3 şäheriň, 4 şäherçäniň, 3 geňeşligiň hem-de 21 obanyň adyny üýtgetmek boýunça teklipleriň taýýarlanandygy barada habar berildi.

Mejlisde hormatly Arkadagymyz bu ugurda alnyp barylýan işleriň milli ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösüşine, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna we ýurdumyzyň dolandyryş-çäk birlikleriniň işiniň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegine oňyn mümkinçilikleri açjakdygyna ynam bildirdi we maliýe serişdeleriniň ýurdumyzyň durmuş ulgamyna, mekdepleriň we çagalar baglarynyň, saglyk edaralarynyň gurluşygyna, ösüp gelýän ýaş nesilleriň sazlaşykly ösüşiniň üpjün edilmegine gönükdirilmeginiň maksadalaýyk boljakdygyny belledi.

Bu işiň esasynda adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini we hilini ýokarlandyrmak, olaryň döwlet işine işjeň gatnaşmaklaryny höweslendirmek, ýurdumyzyň sebitleriniň ösüşini gazanmak, senagat taýdan ösen döwletleriň arasynda Türkmenistanyň ornuny mundan beýläk-de pugtalandyrmak, ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlary esasynda innowasion işleri Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirmek, pudaklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, döwrebap tehnologiýalary yzygiderli ornaşdyrmak arkaly iri häzirki zaman önümçilikleri döretmek ýaly anyk maksatlardyr wezipeler durýar. Häzirki döwürde ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan eziz Diýarymyzda möhüm ähmiýetli we giň möçberli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Milli ykdysadyýetde sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň hataryna goşulyşmak, elektron senagaty döretmek, adam maýasyna, işewürlige we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek sanly özgertmeleriň bütindünýä derejesinde we ýokary tizlik bilen ýaýraýan döwründe gaýragoýulmasyz meseledir.

Özgertmeleriň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz hormatly Prezidentimiziň Döwlet Maslahatynda eden taryhy çykyşynda ýurdumyzyň ilatynyň köpelýändigi, şäherleşme derejesiniň ösýändigi, senagat kärhanalaryny we zolaklaryny ösdürmegi maksat edinýändigimiz barada aýdanlaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, 36 sany obanyň golaýynda ýerleşýän ilatly ýerlere birigendigini göz öňünde tutup, olary birleşdirmegiň, 6 sany oba şäherçe derejesini bermegiň, welaýatlarda ýörite ýer gaznasynyň çäginde raýatlara jaý gurmak üçin berlen mellek ýerlerinde döran 5 sany ilatly ýere oba derejesini berip, 5 sany obany döretmegiň teklip edilýändigini belledi.

Umuman, ýokarda beýan edilen teklipleriň durmuşa geçirilmegi durnukly ösüş üçin ýurdumyzda bar bolan serişdeleriň we mümkinçilikleriň has doly üpjün edilmegine, Döwlet býujetiniň serişdeleriniň meýilnamalaýyn we maksadalaýyk peýdalanylyşyna gözegçilik etmäge, senagatlaşma derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, şeýle hem ýurdumyzyň sebitleriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň ýokary depginler bilen alnyp barylmagyna ýardam eder hem-de sebitleriň milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmaga goşýan goşandyny artdyrar.

**Aýgözel NURLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy.*

# EKOLOGIÝA ABADANÇYLYGY – SAGDYN DURMUŞYŇ KEPILI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Daşky gurşawa aýawly çemeleşmek we howanyň hapalanmagynyň öňüni almak maksady bilen ýurdumyzda her ýyl millionlarça düýp agaç nahallary oturdylýar. Şu ýylyň 5-nji noýabrynda hem ýurdumyzda ählihalk bag ekmek dabarasy guralar. Bu köpçülikleýin çäräniň dowamynda ýurdumyzda agaç nahallarynyň köp sanlysy oturdylar.

Ýurdumyzda tokaý zolaklarynyň emele gelmegi, Hazar deňziniň ekologiýa taýdan arassalygynyň üpjün edilmegi, Garagumuň jümmüşinde «Altyn asyr» Türkmen kölüniň döredilmegi tebigaty goramak we ekologiýa howpsuzlygy babatdaky syýasaty durmuşa geçirmegiň çäklerinde alnyp barylýan işleriň subutnamasydyr. Şol işleriň netijesinde arassa hem howpsuz ekologiýa gurşawy emele gelýär.

Daşky gurşawy goramak, howanyň hapalanmagynyň öňüni almak, tebigy baýlyklary rejeli we netijeli peýdalanmak esasy wezipeleriň biridir. Bu ugurda alnyp barylýan giň möçberli işleriň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek we ony umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalarynyň talaplaryna laýyk getirmek bilen baglanyşykly işler yzygiderli alnyp barylýar. «Tebigaty goramak hakynda», «Atmosfera howasyny goramak hakynda», «Ozon gatlagyny goramak hakynda», «Galyndy hakynda», «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi.

Türkmenistan BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna laýyklykda, Hazar deňziniň ekologik deňeçerligini üpjün etmäge, daşky gurşawy goramak boýunça ähli wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine işjeň gatnaşýar. Hazaryň kenarynda döwrebap şypahanalaryň, myhmanhanalaryň, senagat kärhanalarynyň gurulmagy, olaryň halkara ekologik howpsuzlyk görkezijilerine laýyk gelmegi taslamalara bildirilýän möhüm talaplaryň biridir. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň, «Garabogazkarbamid» zawodynyň, Gyýanly şäherçesindäki polimer zawodynyň abraýly halkara guramalar tarapyndan daşky gurşaw üçin howpsuzlygyny tassyklaýan güwänamalara eýe bolmagy munuň aýdyň beýanydyr. Bu ugurda anyk maksatlara ýetilmegi we giň möçberli tokaý zolaklarynyň döredilmegi esasynda hemişe gök öwüsýän zolaklar emele gelýär, täze seýilgäh zolaklary döredilýär. Bu bolsa «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alýan adamlaryň saglygyna oňaýly täsiri bolan ýakymly howa gurşawynyň emele gelmegini şertlendirýär.

Döwlet Baştutanymyz Garagum sährasynyň ekolo-



gik ýagdaýynyň mundan beýläk-de gowulandyrylmagyna gönükdirilen maksatnamanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegini şertlendirýän çäreleriň ähmiýetlidigini belleýär. Merkezi Garagum ösümlik, hojalyk-ekologik barlaglaryny geçirmekde deňi-taýy bolmadyk tebigy künjekleriň biri bolup durýar. Onuň giňişlikleri, ekoulgamy ilkibaşdaky görnüşinde üýtgewsiz saklanypdyr.

Hormatly Prezidentimiziň dünýäde Garagum sährasynyň goraghana zolaklaryny wagyz etmek meselelerine yzygiderli üns bermegi bilen, ýurdumyzda bu sähralygy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek boýunça zerur işler alnyp barylýar.

**Atanur KLYŞOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Ýaş alymlar geňeşiniň başlygy.*

# HASYL TOÝY HALKYMYZYŇ BUÝSANÇLY BAÝRAMLARYNYŇ BIRIDIR

Güýz pasly oba hojalygynda iň bir gyzgalaňly döwürleriň biridir. Ýurdumyzyň oba zähmetkeşleri güýz paslynda ösdürilip ýetişdiren oba hojalyk ekinleriniň hasylyny ýygnaýarlar. Türkmen topragynyň hasyllylygyny, saçaklarymyzyň berekedini alamatlandyrýan Hasyl toýy her ýylyň noýabr aýynyň ikinji ýekşenbesinde giňden bellenip geçilýär. Oba zähmetkeşleriniň gazanýan üstünliklerini alamatlandyrýan Hasyl toýunda edermen daýhanlarymyzyň maňlaý derini döküp, irginsizlik bilen yhlasly çeken zähmetleriniň netijeleri jemlenýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen Garaşsyz ýurdumyzyň dürli ugurlarynda, şol sanda oba hojalygynda zähmet çekýän adamlaryň öz kärlerine yhlas bilen çemeleşip, uly üstünlikleri gazanmaklyga bolan hyjuw-höweslerini artdyrmak ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Munuň özi ene topraga ykbalyny baglan pagtaçy, gallaçy daýhanlaryň bereketli hasyl öndürmeklerine uly ýardam berýär.

Arkadagly Serdarymyzyň ýaňy-ýakynda «Türkmenistanda bugdaý, pagta we gant şugundyryny öndürijileri ykdysady taýdan höweslendirmek hakynda» Karary kabul etmegi bu babatdaky aladalara döwletimiz tarapyndan aýratyn üns berilýändigini ýene-de bir sapar aýdyň tassyklady. Çünki onda ýer bilen iş salyşýan adamlaryň dürli görnüşli oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny kemala getirmeklerine uly höwes döredýän çäreler göz öňünde tutulýar.

Bu möhüm Kararda kärendeçi daýhanlaryň, ýerleriň peýdalanyjylarynyň, eýeleriniň döwlet harmanyna goşan bugdaý, pagta, şugundyr hasylynyň umumy möçberiniň ýarpysynyň gaýtadan işlenilmeginden alnýan kepegi, künjarany, şugundyr lötüni olaryň özlerine ýeňillikli bahalardan satmak barada bellenilýär. Bu hem olaryň öndüren jemi hasyllary üçin bellenilen nyrhlar boýunça döwletimiz tarapyndan tölenilýän pul serişdelerinden başga-da goşmaça girdeji gazanjakdyklaryny aňladýar. Şeýlelikde, indi ene toprakdan bereketli



hasyl almagyň hötdesinden gelen daýhanlaryň zähmeti olara has-da uly girdeji getirer.

Ata-babalarymyzyň daýhançylyk däpleriniň oba hojalyk ylmynyň gazananlary bilen sazlaşykly utgaşdyrylmagy pudakda gazanylýan üstünlikleriň berk binýady bolup durýar. Arkadagly Serdarymyzyň başda durmagynda oba hojalygynda amala aşyrylýan giň gerimli tutumlar guwandyryjy netijelerini berýär. Ýerden bol hasyl almakda gazanylýan üstünlikler muňa doly güwä geçýär.

Umuman, ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ösdürmek ugrunda uly işler alnyp barylýar. Bu ugurda durmuşa geçirilýän özgertmeler Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmaga, halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir. Daýhanlarymyz döwrebap tehnikalar, himiki serişdeler, suw, ýokary hilli tohumlar hem-de mineral dökünler bilen üpjün edilýär.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynyň 2-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda güýzlük bugdaý ekişine girişildi. Bugdaý ekmäge niýetlenen ýerler irgözinden tekizlenilip, ekişe taýýarlamak işleri ýokary derejede geçirildi. Bugdaýyň ýerli toprak-howa şertlerinde bol hasyl berýän görnüşleriniň tohumy ýeterlik mukdarda taýýarlandy. Gallaçy daýhanlarymyz şu ýylda 690 müň gektar ýerde bugdaý ekip, geljek 2023-nji ýylda 1 million 400 müň tonna guşgursak dänäni Watan harmanyna tabşyrmagy maksat edinýärler. Şol sanda Ahal welaýatynda 400 müň, Mary welaýatynda 345 müň, Lebap welaýatynda 310 müň, Daşoguz welaýatynda 265 müň we Balkan welaýatynda 80 müň tonna däne ýygnamak meýilleşdirilýär.

Soňky ýyllarda hususyýetçileri oba hojalyk önümçiligine çekmek giňden ýaýbaňlandyrylýar. Telekeçilerimiz diňe bir pagtanyň, dänäniň we beýleki ekinleriň, miweleriň ýokary hasylyny almak bilen çäklenmän, ýetişdirilýän hasyly gaýtadan işlemekde-de uly işleri bitirýärler.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylyny ýerden bol hasyl almakda ýokary netijeleri gazanmak bilen dabaralandyrýan daýhanlarymyzyň işleri rowaç alýar. Hormatly Prezidentimiziň oba hojalygyny ösdürmäge gönükdirilen taýsyz tagallalaryndan gözbaş alýan tutumly işler Garaşsyz döwletimizde azyk bolçulygyny döretmegiň kepili bolup hyzmat edýär.

**Ogulgerek IŞANGULYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Ykdysadyýeti dolandyryş fakultetiniň mugallymy.*

# PISSE – SAGLYK ÜÇIN PEÝDALY MIWE



Bathyz goraghanasynyň aýratyn haýran galdyryjy gözellikleriniň biri hem pisse tokaýlygydyr. Pisseleriň emeli däl-de tebigy taýdan bitmegi türkmen tebigatynyň bir gudratydyr.

Pisse hozlar maşgalasyna degişli bolup, ähli topraklarda ösmäge ukyplydyr. Tebigy pisselikler Merkezi Aziýada, Zakawkaziýada, Krymda duşýar. Merkezi Aziýada uly pisseli ýerler Täjigistanda, günorta Özbegistanda, Türkmenistanda, Gyrgyz Respublikasynda bar. Bir gektara deň bolan tebigy pisselik ýerlerde 100-180 düýpden gowrak pisse agajy ösýär. Pisse tokaýlygy daş görnüşi boýunça sawanna meňzeşdir. Agaçlar biri-birinden has açyklykda ösüp, olaryň şahalary beýlekileriňki bilen galtaşmaýar. Pisse agajy 300-500 ýyla çenli ýaşap bilýär.

Pisse gadym eýýamlardan bäri ynsan saglygyna peýda berýän täsin ösümlikdir. Pisse agajy baradaky ýatlamalar baryp biziň eýýamymyzdan öňki V asyrda hem duş gelýär. Rimliler özüniň Aziýa eden ýörişlerinde pissäni Italiýa getiripdirler, ol ýerden bolsa Ispaniýa äkidilipdir. X asyrda pisse agajy Merkezi we Demirgazyk Amerika düşüpdir.

Pisse agajy gurakçylyga örän çydamly hasaplanylýar. Bu agajyň boýy 6-7, kähalatlarda 10 metre çenli ýetýär.



Gyrymsy görnüşleri köp baldakly bolup, boýy 2-3 metre barabardyr. Pisse agajynyň gabarasy uly, köp pudakly, şar şekilli bolup, onuň diametri 5-6, kähalatlar-da 10 metre ýetýär. Ýapraklary açyk ýaşyl reňkli bolup, gülleri sübselik şekilli gül topbagynda jemlenendir.

Miwesi ýukajyk miweýanly şänik, uzynlygy 17 millimetre barabar bolup, awgust aýynda ýetişýär. Ortaça hasyllylygy bir düýp agaçdan 1-6 kilogram, ýokary hasyllylyk 15 kilogramdan gowrak bolýar. 60-80 ýaşly pisseler köp hasyl berýärler. Pissäniň baldaklary örän gaty, agyr, goňur reňkli bolup, ýalpyldawuk bolýar. Şol sebäpli baldaklary mebel senagatynda ulanylýar. Pissäniň köki onuň ýer üsti organlaryndan çalt ösýär. Köp ýaşan pisseleriň kökleri 7-10 metr çuňluga gidýär. Pissäniň miwesi dünýä bazarynda iň bir gymmatly miwe hasaplanýar. Onda günebakardakydan 1,5-2 esse köp ýag bolup, onuň tagamy ýokary hilli hoz we zeýtun ýaglarynyňkydan pes däldir. Pissäniň mañzynda 24% belok, 13% uglewod, 60-80% ýag bar. Şol sebäpli onuň miwesi azyk we konditer önümlerinde giňden ulanylýar.

Pisse hozjagazlary şol durşuna we duzlanan görnüşde iýilýär, şonuň ýaly-da süýjülikleri, şokoladlary, doňdurmalary, şöhladyň ýokary sortlaryny taýýarlamakda ulanylýar. Pissäniň miwesinden başga-da terraktin atly şepbigi gymmatly zat hasaplanýar we ýokary hilli çeperçilik reňkleri öndürmekde ulanylýar. Pisse agajynyň ýapraklaryndaky düwürli ösüntgilerden (buzgunç) eýleýji maddalar alnyp, haly dokalanda ýüňi we ýüpegi gyrmyzy-goýy gyzyl reňke boýamak üçin ulanylypdyr. Pisse önümleri halk lukmançylygynda aşgazan, öýken, bagyr kesellerini bejermekde giňden ulanylýar.

**Haýytbaý GYLYJOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty, dosent.*

# SANLY BILIM ULGAMY ÖSDÜRILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

«Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

Bilim edaralarynyň arasynda özara ýeketäk bilim toruny döretmek, ýaşlara berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, hilini ýokarlandyrmak, okuw işinde uzak aralykdan berilýän bilimiň täze tehnologiýalaryny ulanmak konsepsiýanyň esasy wezipeleridir. Şonuň bilen birlikde-de, bu resminama tehnologik täzeçilligi döretmäge we ýaýratmaga, bilim edaralarynyň tehnologiýa taýdan ösmeginiň çaltlandyrylmagyna, şeýle hem bilimiň ähli derejeleri üçin zerur elektron maglumatlar gorunyň döredilmegine we olaryň tor arkaly elýeterliligini üpjün etmäge gönükdirilendir.



Bu tehnologiýalaryň ulanylmagynyň işjeňleşdirilmegi bilimiň hilini ýokarlandyrmaga we berilýän bilimleri yzygiderli berkitmäge ýardam edýär. Konsepsiýanyň durmuşa geçirilmegi bilim edaralaryny ýokary tizlikli, giň zolakly tor aragatnaşygy bilen üpjün edip, ýokary hilli bilim hyzmatlaryny almak üçin giň mümkinçilikleri döredýär.

Sanly bilim ulgamyny ösdürmek döwrüň talaby bolup durýar. Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryndan, dünýäniň öňdebaryjy tejribelerinden netijeli peýdalanylmagy esasynda milli bilimiň ýokary derejesiniň üpjün edilmegi berkarar Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösmegine, ykdysady taýdan dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryndaky ornunyň pugtalandyrylmagyna şert döredýär.

Bu günki ýaşlarymyz dünýä dillerini içgin öwrenýärler. Çagalar baglarynda, orta we ýokary okuw mekdeplerinde dil öwretmek has-da kämilleşdirildi. Şonuň netijesinde hem ýaş nesillerimiziň dil öwrenmäge bolan höwesi has-da ýokarlanýar. Bu bolsa olaryň berilýän bilimlere oňat düşünmeklerine ýardam edýär. Dünýä dillerinde ylmy maglumatlaryň, çeper edebiýatlaryň köp bolmagy baý ylmy maglumatlary özleşdirmekde hem dünýä dilleriniň wajypdygyny görkezýär. Umuman alanyňda, dil öwrenmek her bir ynsan üçin örän ähmiýetlidir. Bu ynsanyň pikirleniş dünýäsi bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem dil öwrenmek endiklerini ösdürmek, ene dilimiziň baýlyklaryna çuňňur düşünmek biziň has-da kämilleşmegimize ýardam eder.

Sanly bilim ulgamynda dil öwretmegiň täze usullary, sapak geçmegiň döwrebap görnüşleri kemala gelýär. Irki döwürlerde görkezme esbaplar bilen sapak geçmek usuly ulanylan bolsa, häzirki ösen döwürde kompýuter enjamlaryň kömegi bilen dürli şekilleri, gepleşikleri talyplara hödürlemek mümkinçiligi artdy. Şunda lingafon okuw otaglarynyň hem ähmiýetini belläp bolar. Bu ýerde sözleri diňlemek we ýat beklemek, gerek ýerinde ulanmak bolýar. Sanly bilim ulgamy arkaly ýokary okuw mekdepleri bilen göni sapak geçmek mümkinçiligi-de işjeňleşdirilýär. Bu talyplaryň ukypbaşarnygyny kämilleşdirmäge kömek edýär. Şeýle hem sapak mahaly dürli kitaphanalardan peýdalanmak, kitaplary elektron görnüşde talyplara hödürlemek ýaly görnüşleriniň bardygy hem bellärliklidir. Umuman, ylmyň häzirki ösen döwründe okatmagyň we bilim bermegiň dürli görnüşleri öwrenilýär. Şu babatda aýdylanda, bilim bermegiň täze usullaryny durmuşa ornaşdyrmak, ýaşlara berilýän bilimiň kämilligi we milli ýörelgelerimize laýyk gelmegi baş wezipeleriň biri bolup durýar.

**Hansoltan NURYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Lula da Silwa ýeňiş gazandy

**Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow jenap Luis Inasiu Lula da Silwa Braziliýa Federatiw Respublikasynyň Prezidentiniň saýlawlarynda ýeňiş gazanmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.**

Braziliýanyň täze saýlanan Prezidenti Luis Inasiu Lula da Silwa üçünji gezek Braziliýa Federatiw Respublikasyna ýolbaşçylyk eder. Ol 30-njy oktýabrda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Ýokary saýlaw kazyýeti habar berdi. Býulletenleriň 100%-i sanalandan soňra, Lula da Silwanyň sesleriň 50,9%-ini gazanandygy belli boldy. Onuň bäsdeşi, öňki Prezident Žair Bolsonaru saýlawçylaryň 49,1% goldawyna eýe boldy.

Işçiler partiýasynyň ýolbaşçysy Lula da Silwa üçin 60 milliondan gowrak adam ses berdi. 58 milliondan gowrak saýlawçy bolsa, onuň konserwatiw bäsdeşi Žair Bolsanaru üçin ses berdi. Günorta Amerikanyň bu ýurdunda hiç bir dalaşgär 60 million töweregi ses bilen ýeňiş gazanyp görmändi. Lula da Silwa 2003-nji ýylda ilkinji gezek Prezident bolanyndan 20 ýyl soň 1-nji ýanwarda wezipesine girişer.

Şeýle hem Braziliýada geçirilen saýlawlarda raýatlar ýurduň 12 ştatynyň häkimlerine ses berdiler. Saýlawlara ýurduň ses bermäge hukugy bolan 156,4 million raýatyndan 118,55 million saýlawçy gatnaşdy.

Luis Inasiu Lula da Silwa 1945-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Kaetesda dünýä inýär. Ol ýurtda döwlet işgäri we syýasatçy hökmünde giňden tanalýar. Lula da Silwa 2003-2010-njy ýyllar aralygynda ýurduň Prezidenti wezipesini ýerine ýetirdi. Ol sosialistik Işçiler partiýasynyň esaslandyryjysy we hormatly başlygydyr. 2010-njy ýylda «Time» žurnaly Lula da Silwa



«Dünýäniň iň täsirli adamy» diýip baha berdi.

Braziliýa Federatiw Respublikasy Günorta Amerika yklymynda ýerleşýän döwlet bolup, meýdany boýunça dünýäde bäşinji, ilat sany boýunça hem ýedinji (209 milliondan gowrak) orny eýeleýär. Ykdysady özgertmeler ýurduň halkara derejesinde ykrar edilmegine sebäp boldy. Braziliýa BMG, G20, BSG we MERKOSUR ýaly halkara guramalaryň agzasy, şeýle hem BRIKS ýurtlarynyň biridir.

# ÝEWROPANYŇ «ÝAŞYL» PAÝTAGTY BOLAR

Ispaniýanyň Walensiýa şäheri 2024-nji ýylda Ýewropanyň «ýaşyl» paýtagty bolar. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň wekilleri şu ýylyň «ýaşyl» paýtagty Fransiýanyň Grenobl şäherinde geçirilen çärede yglan etdiler. Ondan öň Witoriýa-Gasteýs 2012-nji ýylda bu ady göteren Ispaniýanyň ýeke-täk şäheridi.

2010-njy ýyldan bäri Ýewropa Komissiýasy tarapyndan gönükdirilýän 600 müň ýewro pul baýragy, esasan, şäher ekologiýasynda Ýewropanyň «ýaşyl» ýörelgesine, 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşiginiň biodürlüligi goramak strategiýasyna, BMG-niň durnukly ösüş maksatnamasyna we beýleki zerur taslamalara ygrarlylygy üçin berilýär.

Walensiýa öz dalaşgärligini gorap, şäherde 594 gektar «ýaşyl» meýdanlaryň döredilmegi ýa-da paýtagtyň köçelerinde 7,41 inedördül metr ýere gök agaçlaryň ekilmegi bilen baglanyşykly «ýaşyl» taslamalary hödürledi. Walensiýalylaryň 70 göteriminiň öýleriniň töweregini «ýaşyl» meýdan eýeleýär.

2023-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň «ýaşyl» paýtagty derejesi, Fransiýanyň Grenobl şäherinden Estoniýanyň paýtagty Tallin şäherine geçiriler.

Geçen ýyllarda Stokgolm, Gamburg, Kopengagen, Nant, Oslo we Lissabon



Ýewropa Bileleşiginiň «ýaşyl» paýtagtlary bolupdylar. Iň azyndan 100 müň ilaty bolan şäheri saýlamak üçin howanyň hili, suwuň hili, goh-galmagalyň derejesi, ýerden durnukly peýdalanmak, galyndylary dolandyrmak, howanyň üýtgemegi, durnukly hereket ýaly daşky gurşawyň 12 görkezijisi göz öňünde tutulýar.

# Ilkinji dag lyža şypahanasy gurlar

Saud Arabystanynda ýakyn ýyllarda Pars aýlagynda ilkinji dag lyža şypahanasyny gurmak meýilleşdirilýär. Ýurt 2029-njy ýylda Aziýa gyş oýunlaryny geçirmäge taýýarlanýar. Esasy sport meýdançalarynyň biri geljekki NEOM şäherinde 2026-njy ýyla çenli gurulmaly Trojena dag lyža şypahanasy bolar.

Patyşalygyň Olimpiýa komitetiniň habaryna görä, Akaba aýlagynyň kenaryndan 50 kilometr uzaklykda, daglarda lyžada taýmak üçin özboluşly mekan peýda bolar. Gyş aýlarynda ol ýerdäki temperatura noldan aşak düşýär we daglaryň eteginde ýylyň ortaça temperaturasy Saud Arabystanynyň beýleki ýerlerine garanyňda on dereje pesdir.

Trojenanyň, takmynan, 60 inedördül kilometre deň bolan meýdany eýelejekdigi we alty etrapdan ybarat boljakdygy çak edilýär. Bu ýerde myhmanlary ýerleşdirmek üçin jaýlar, gonalgalar we beýleki alp görnüşli desgalary bolan şäherçe gurlar. Myhmanhanalar dag lyža eňňidiniň gapdalynda ýerleşer.

Trojenada lyžada taýmak bütin ýylyň dowamynda mümkin bolup, garly örtük temperatura düzgüniniň we emeli garyň kömegi bilen saklanar. Tomus paslynda syýahatçylar trekking, welosport, ýoga, gaýalara dyrmaşmak we triatlon bilen meşgullanarlar. Şol ýerde guruljak obserwatoriýadan bolsa, ýyldyzlary we beýleki asman jisimlerini synlamak mümkin bolar.

Bu ýerde dynç alýanlar üçin saglyk şypahanalary, dükanlar we restoranlar açylar. Gyş möwsüminde moda hepdeligi, ýşyk şowlary, dünýäniň pop ýyldyzlarynyň konsertleri we halkara film festiwaly ýaly köp çäreler guralar.



Trojenanyň myhmanlary ýylyň islendik wagtynda Gyzyl deňziň kenaryna baryp bilerler. Bu ýerde birnäçe deňiz şypahanalary gurlar. Saud Arabystanynyň häkimiýetleriniň meýilnamasyna laýyklykda, bu taslama 2030-njy ýylda 700 müň syýahatçyny özüne çekip, ýurduň býujetine ýylda 800 million dollar getirer.

# Arap ýurtlarynyň bäşisine MAÝA GOÝÝAR

Saud Arabystanynyň Döwlet maýa goýum gaznasy (PIF) Iordaniýa, Bahreýn, Sudan, Yrak we Oman ýaly ýurtlardaky taslamalara maýa goýmaga gönükdirilen bäş sebit kompaniýasyny esaslandyryp, dürli pudaklara maýa goýumlary 90 milliard riala (24 milliard dollar) ýetirer. Bu barada SPA habar gullugy habar berdi.

Agentligiň habaryna görä, kompaniýalar infrastruktura, gozgalmaýan emläk, magdan senagaty, saglygy goraýyş, maliýe hyzmatlary, azyk pudagy, oba hojalygy, önümçilik, aragatnaşyk we tehnologiýa ýaly birnäçe strategik pudaga maýa goýarlar.



Bäş sany täze kompaniýanyň döredilmegi sebitde Döwlet maýa goýum gaznasynyň, onuň kompaniýalarynda we Saud Arabystanynyň hususy pudakdaky maýa goýum mümkinçiliklerini güýçlendirip, uzak möhletleýin döwürde ep-esli girdeji gazanmaga we ýokarda sanalan ýurtlaryň her birinde hususy pudak bilen strategik ykdysady hyzmatdaşlygyň ösmegine goşant goşar.

Awgust aýynda şuňa meňzeş Saud-Müsür maýa goýum kompaniýasy işe girizildi.

Döwlet maýa goýum gaznasynyň (PIF) strategiýasy, ýurduň 2030-njy ýyldaky ykdysady ösüş meýilnamasy boýunça Saud Arabystanynyň girdeji çeşmelerini diwersifikasiýa etmek üçin Ýakyn Gündogarda we Demirgazyk Afrikada täze maýa goýum mümkinçiliklerini tapmagy maksat edinýär.

# Söwda festiwaly gaýdyp gelýär

Dubaýda 28-nji gezek däp bolup giden gyşky söwda festiwaly guralýar. Bu ýyl söwda we güýmenje pudagyndaky esasy wakalar 46 günläp, – 2022-nji ýylyň 15-nji dekabryndan 2023-nji ýylyň 29-njy ýanwaryna çenli dowam eder. Bu barada «Dubai Tourism» gullugy habar berdi.

46 gün dowam etjek söwda festiwalynda alyjylara satuw, arzanladyşlar we gastronomik lotereýalar garaşýar. Şeýle hem bu ýyl DSF-niň maksatnamasynda «Burj Park»-daky meşhur «Etisalat MOTB» bazary, «DSF Drones» ýagtylyk şüweleňi hem-de gyzykly «Dubai Lights» sergisi bar. Dubaýyň festiwallary we bölek söwda dolandyryş bölüminiň baş müdiri Ahmed Al-Hajanyň sözlerine görä, Dubaý söwda festiwaly kiçijik sebitleýin wakadan şäheriň her ýyl hödürleýän iň gowy baýramçylygyna öwrüldi.

– 28-nji gezek guralýan söwda festiwaly dünýäniň dürli künjeklerinden gelen syýahatçylaryň Dubaýa gelip görmegine we şunuň ýaly uzak wagtlap dowam edýän festiwala gatnaşmaklaryna mümkinçilik döredýär. Bu ýyl biz hemmeleri bu ýerde guraljak dürli güýmenjelerden, gastronomiýadan, söwdadan we dynç alyşlardan lezzet almaga çagyrýarys. Hyzmatdaşlarymyz we bölek satyjylarymyz bilen ýatdan çykmajak möwsüme sabyrsyzlyk bilen garaşýarys – diýip, Ahmed Al Haja sözüni jemledi.

1971-nji ýylyň 2-nji dekabrynda birnäçe emirlikleriň emirleri ýeke-täk döwlet – Birleşen Arap Emirliklerini




döretmek barada ylalaşyga gol çekdiler. Şu günler şäher ýurduň baýdagynyň reňkleri bilen bezelen: söwda merkezleri, gökdiränler, seýilgähler – sözüň doly manysynda ähli zada gyzyl, ak, ýaşyl reňkler gözellik çaýýar.

# Ýoluň gurluşygyny goldady

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) bilermenleri syýahatçylaryň uly akymynyň sebite ýetirýän zyýanynyň möçberini azaltmak maksady bilen, Ýaponiýanyň ýaşaýjylary üçin mukaddes hasaplanýan Fudzi dagyna barýan demir ýoluň gurluşygy boýunça hökümetiň düzen meýilnamasyny goldadylar. Bu baradaky hat ÝUNESKO-nyň ýanyndaky Ýadygärlikleri we gözel ýerleri goramak boýunça halkara geňeşden (ICOMOS) ýerli ýolbaşçylara gelip gowuşdy. Bu gurama ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizmegi meýilleşdirilýän desgalaryň ähmiýetine baha bermek bilen meşgullanýar.

Fudzä ýanaşyk Ýamanasi prefekturasynyň ýolbaşçylygy dagyň eteginden 2,3 müň metr beýiklikde ýerleşen, «Bäşinji beket» diýip atlandyrylýan ýere eltjek demir ýoluň gurluşygynyň meýilnamasyny işläp taýýarlady. Häzir ol ýere diňe awtoulag ýoly bilen baryp bolýar. Syýahatçylyk möwsüminde ol ýerde tüssesi bilen daş-töweregi hapalaýan awtoulaglardyr awtobuslaryň ýol dyknyşygy döreýär. Şoňa görä, ICOMOS daşky gurşaw meselelerini çözmäge ýardam berjek demir ýol meýilnamasyny makullaýar.



Pandemiýadan öň 400 müňden gowrak syýahatçy her ýyl 3 müň 776 metr belentlikdäki bu daga çykýardy. 2013-nji ýylda bu dag ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna Ýaponiýanyň medeniýetine uly täsir eden ýer hökmünde goşulandan soň bu ýere gelýänleriň sany has-da artyp başlady.

# Dünýäniň iň uzyn ýolagçy otlusy

Şweýsariýa dünýäniň iň uzyn ýolagçy otlusy boýunça rekord goýdy. Predadan Bergene ugur alan iki kilometrlik otly Retisk demir ýolunyň iň gözel ýerleriniň biri bolan Albula-Bernin ugry bilen syýahat etdi. 2008-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilen bu ugur 22 tunnelden we 48 köprüden geçýär. Bu syýahat bir sagatdan gowrak dowam edip, 25 kilometr ýoly külterledi.

Retisk demir ýolunyň ýolbaşçylary jemi 100 wagondan ybarat 25 otlyny birleşdirip, demir ýol gatnawynyň 175 ýyllygyny bellemegi we dünýä rekordyny goýup, syýahatçylaryň ünsüni özüne çekmek kararyna geldi. Üstünlikli geçen bu synagda otlyny dolandyrýan alty sürüjiniň hereketleriniň sazlaşygy aýratyn bellenmäge mynasyp boldy.

– Koronawirus pandemiýasynyň iki ýylynda girdejimiziň 30%-ini ýitirdik, şonuň üçin ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilen ajaýyp ýolumyz hakda dünýä jemgyýetçiliginiň habarlylygyny ýokarlandyrjak gowy wakany tapmaga synanyşdyk – di-



ýip, Retisk demir ýolunyň baş direktory Renato Faşiati belleýär.

Otlynyň uzynlygy iň uzyn Landwasser tunneliniň uzynlygyndan (680 metr), takmynan, üç esse köp bolup, otlynyň ondan geçýän pursady tomaşaçylary haýran galdyrdy.

# BMG howanyň goragynda

Dünýä ýurtlary ýyladyşhana gazlarynyň howa goýberilýän möçberlerini azaldýarlar, emma bu tagallalar 2100-nji ýyla çenli ählumumy maýlamanyň 1,5 dereje ýokarlanmagynyň öňüni almak üçin ýeterlik däldir. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň nutugynda bellenýär.

Resminamada 2015-nji ýylda Pariž ylalaşygyna gol çeken ýurtlaryň howa syýasaty Ýer togalagynda häzirki ýüzýyllygyň dowamynda howanyň ýylylyk derejesiniň 2,5 dereje ýokarlanmagyna getirip biler diýlip bellenilýär. Bu çaklama geçen ýyldakydan 13,7% oňyn häsiýete eýe, emma bu ugurdaky tagallalar entek ýeterlik däldir.

– 2030-njy ýyla çenli howa goýberilýän zyýanly gazlary azaltmak üçin iş alyp barýan ýurtlaryň köp babatda ösüş gazanmak ähtimallygy uly. Ýöne biz munuň heniz ýeterlik däldigini aýtmalydyrys, ýagny dünýäde 1,5 derejeden artyk bolmadyk gyzgynlyk derejesini gazanmak üçin talap edilýän depgine ýetip bilemzok – diýip, Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýanyň ýerine ýetiriji sekretary Saýmon Stil belledi.



Onuň pikiriçe, ýurtlaryň hökümetleri daşky gurşawy goramak boýunça maksatnamalary güýçlendirmelidirler we olary öňümizdäki sekiz ýylyň dowamynda durmuşa geçirmelidirler.

Şeýle hem Saýmon Stil dünýäniň Liderleriniň 6-18-nji noýabr aralygynda Müsüriň Şarm el-Şeýh şäherinde geçiriljek BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň (COP-27) 27-nji maslahatyna gatnaşmaga çagyrylandygyny belledi.

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde

**Täze hökümetiň düzümi tassyklandy.** Yragyň Mejlisi täze Premýer-ministr Muhammed Şia as-Sudaniniň baştutanlygyndaky 21 ministrden ybarat bolan täze hökümetiň düzümini tassyklady. Täze hökümet iki ýyldan gowrak dowam eden syýasy çökgünlikden soňra iş başyna geldi.



**Pandemiýa döwründe ýazylan roman.** Islandiýanyň hökümet Başlygy Katrin Ýakobsdouttir koronawirus pandemiýasy döwründe ýazyjy Ragnar Ýonasson bilen awtordaşlykda detektiw roman ýazdy. Premýer-ministriň «Reýkýawik» romany 25-nji oktýabrda Islandiýada neşir edildi.



**Diňleýjiniň äňinden eşitdirýär.** «Xiaomi» kompaniýasy «Bone Conduction» diýen at bilen sesleri äň süňküniň üstünden eşitdirýän gulaklygy satuwa çykardy. Onda ses yrgyldylary kelleçanagyň süňkünden geçip, gulaklar ýapylmaýar. Şeýlelikde, diňleýji töweregindäki sesleri hem eşidip, köçede howpsuzlygy üpjün eder.



**Gazyň bahasy gymmatlar.** 2024-nji ýyla çenli Awstraliýada kömrüň, ABŞ-da bolsa tebigy gazyň bahasynyň geçen bäş ýyldaky bilen deňeşdirilende, iki esse, Ýewropada bolsa ortaça dört esse gymmatlamagyna garaşylýar. Bu barada Bütindünýä bankynyň beýanatynda bellenilýär.



**Daşa dönen ýumurtgalar.** Hytaýly gurluşykçylar dinozawrlaryň birbada üç sany ýumurtgasynyň üstünden bardylar. Gurluşyk meýdançasyna ýerli muzeýiň işgärleri geldi, olar tapyndynyň 80-90 million ýyl ýaşynyň bardygyny tassykladylar. Ýumurtgalar süýrümtil görnüşde bolup, ýeterlik derejede oňat saklanypdyr.



**Plastik gaplardan simsiz gulaklyk.** «Sony» kompaniýasy «LinkBuds S Earth Blue» atly täze simsiz gulaklygy bilen tanyşdyrdy. Ol, esasan, gaýtadan işlenen plastiki suw gaplardan ýasalandyr. Simsiz gulaklyklaryň satuwy şu aýyň içinde başlap, bahasy 150 dollar töweregi bolar.



**Müň ýaşly okara.** Norwegiýada wikingler döwrüniň müň ýaşly okarasy tapyldy. On ýaşly Erik atly oglanjyk kakasy bilen Glomma derýasynda gaýykly ýüzüp ýörkäler kenarda ýatan okaranyň üstünden barypdyrlar. Radiouglerod barlaglarda okaranyň mundan 800-1000 ýyl öň wikingler tarapyndan ulanylandygy belli boldy.



**100 ýaşdan geçenleriň sany artýar.** Ýaponiýada 100 ýaşdan geçenleriň sany 90 müňden geçdi. Maglumatlara görä, Ýaponiýada 100 ýaşdan ýokary 90,526 adam bar. Bu geçen ýyldakydan dört müňden gowrak köp. Olaryň 88%-den gowragy zenanlar bolup, 80 müňden geçýär. Erkek kişileriň sany bolsa 10 müňden gowrakdyr.



**Özboluşly ýuwujy enjam.** Ýaponiýanyň «Science» kompaniýasy 2025-nji ýylda adamlara niýetlenen ýuwujy maşynlary öndürip başlamakçy. Bu enjam ultrases arkaly adamy päkizlär, owkalar we guradar. Munuň üçin bary-ýogy 15 minut ýeterlik bolar.



# TARYHDA ŞU GÜN

**1922-nji ýylyň 4-nji noýabrynda iňlis arheology Goward Karter Müsürde Tutanhamonyň aramgähini tapýar. Tutanhamon miladydan öňki 1347-1337-nji ýyllar aralygynda höküm süren Müsür faraonlarynyň XVIII neberesindendir. Ol iň meşhur faraonlaryň biri bolup, gadymy Müsür siwilizasiýasynyň hakyky nyşanyna öwrüldi.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# MEŞHUR TOHUM ITLERI

**It irki döwürlerden bäri adamzadyň ýakyn ýoldaşy bolup, öýi, sürini goramaga, aw etmäge, ulag serişdesiniň barmaýan ýerlerine poçta äkitmäge, ys alyjylygy esasynda ýiten zatlary tapmaga kömek edipdir. Häzirki wagtda itleriň jemgyýetdäki orny giňäp, olaryň hyzmatyny köp ýerlerde görmek bolýar. Biz hem şulardan ugur alyp, dünýä belli arassa ganly tohum itleri baradaky gysgaça maglumaty size ýetirmegi makul bildik.**



**Türkmen alabaýy.** Alabaý köp ýerde «Merkezi Aziýanyň çopan iti» diýip tanalýar. Bu itler uly göwreli, dürli howa şertlerine çydamly, sakçy we eýesine wepaly jandarlardyr. Alabaýyň boýy 45-78 santimetr, agramy 50-80 kilogram aralygynda bolýar. Olar öwredilýän endikleri ýerine ýetirmek başarnygyna eýedir. Alabaý erkinligi söýýän, erkin häsiýeti bolan, eýesine (öýüne) wepaly bolup, ony gorap gezýän tohum itidir.



**Amerikan buldogy.** Bu tohum itleri ortaça ululykda bolup, «tutan ýerini goparýandygy» bilen tapawutlanýar. Olaryň boýy 53-68 santimetre, agramy 27-55 kilograma çenli bolýar. Köp ýurtlarda gorag we gözegçilik hyzmatlarynda ulanylýan buldoklar Angliýada çopanlaryň ýakyn kömekçileri bolup, dişiniň ýitiligi, urşujylyk ukybynyň ýokarydygy bilen beýleki itlerden tapawutlanýar.



**Kawkaz çopan iti** dogabitdi erkin, gorkusyz bolýar. Kawkaz çopan itiniň boýy 65-75 santimetr, agramy 40-80 kilogram töweregidir. Wepaly goragçy, hakyky çopan iti hasaplanýan kawkaz çopan itini öwrenişdirmek we aragatnaşyk saklamak kyn.



**Beýik dane** ýuwaş häsiýetli, güýçli, haýbatly görnüşe eýe bolan owadan it bolup, boýy 72-80 santimetre, agramy 45-90 kilograma ýetýär. Daniýalylaryň ata-babalarynyň uly ýabany haýwanlary awlamak üçin seçip alan bu itleri eýesine wepalylygy we çagalary gowy görýändigi bilen tapawutlanýar.



**Keramatly bernar.** Bu itler güýçlüligi we agyr ýükleri uzak aralyga çekmäge ukyplylygy bilen meşhur bolup, boýy 65-90 santimetr, agramy 55-90 kilogram töweregidir. Ozallar bu itler daglyk ýerlerde ýitenleri tapmak we halas etmek üçin ulanylypdyr. Häzirki wagtda bolsa ökde halas edijiler we goragçylar hökmünde akyllylygy we ugurtapyjylygy bilen tapawutlanýar.



**Iňlis mastifi.** Bu itler ökde urşujy we sakçy hasaplanyp, boýy 70-76 santimetre, agramy 80-86 kilograma çenli ýetýär. Maglumatlara görä, gadymy Wawilonda olar bilen arslanlary, aýylary awlapdyrlar diýlip çaklanylýar. Soňlugy bilen bolsa jemgyýete öwrenişdirilip, wepaly öý jandary we maşgala goragçysy hökmünde görlüp başlanýar.



**Demirgazyk iti.** Haskiler demirgazyk sebitlerde, esasan hem, Arktikada ösdürilip ýetişdirilýän, çeýeligi we ýük çekijiligi bilen tapawutlanyp, boýy 50-60 santimetr, agramy 20-35 kilogram aralygynda bolýar. It lyžasy arkaly harydy, poçtany eltip bermek hyzmaty häzirki wagtda hem haskileriň kömegi bilen garly, barmasy kyn sebitlerde ýerine ýetirilýär. Bu itler möjege iň ýakyn tohum hasaplanýar.

# TEATRYŇ ÖZBOLUŞLY GAHRYMANY



Masgarabazlar 200 ýyldan gowrak wagt bäri edebi eserlerde, teatrlarda hem-de filmlerde täsin keşpleri ýerine ýetirýärler. Ýüz keşbi, egin-eşigi, adaty däl hereketleri bilen köpçüligiň ünsüni çekýän masgarabazlar çagalaryň doglan gününe, dabaralara şatlyk paýlaýan gahryman hökmünde tanalýar. «Masgarabaz» adalgasy ilkinji gezek 1560-njy ýyllarda ýüze çykýar. Şol ýyllarda aktýorlar ak farfor palçygy ýüzüne çalyp, tomaşaçylary güldüripdirler. Köp dilde ýörgünli bolan «kloun» sözüniň islandlaryň «klunni» sözünden gelip çykandygy aýdylýar.

1947-nji ýylda masgarabazlaryň halkara birleşmesi döredilýär. Ondan öň «Sirk masgarabazlarynyň kluby» diýlip atlandyrylan bu birleşme birnäçe ýylyň içinde uly meşhurlyga eýe bolýar. Maglumatlara görä, ilkinji meşhur masgarabaz Jozef Grimaldi hasaplanýar. Ol 1802-nji ýylda Angliýada sahna çykyp, «Joý» ady bilen çykyş edýär. Degişmeleri hem-de gülkünç hereketleri ýerine ýetiren Grimaldi ýüz boýaglary, geýen eşigi bilen tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekýär. Şondan soňra teatr artistleriniň arasynda ýaňagyňy gyzyl, saçyňy älemgoşaryňky ýaly reňklemek, burnuňa ullakan şar geýmek, agzyňy boýamak hem-de dürli reňkli eşikleri geýmek ýörgünli bolup başlaýar. 1892-nji ýylda Italiýada masgarabazlaryň ilkinji operasy görkezilýär.

Masgarabazlar diňe bir sahna eserlerinde çykyş etmän, eýsem, çeper eserlerde, filmlerde hem gülkünç we gorkunç keşpleri janlandyrýarlar. Muňa mysal edip, Stiwen Kingiň «IT» romanyndaky «Pennywise» atly gahrymany görkezmek bolar. Çarlz Çaplin hem «kiçijik sergezdan» keşbi arkaly kinofilmlerde täze bir obraz döredýär. Ol geýnişi, aýak hereketleri we ýüz hereketleri bilen tomaşaçylarda uly täsir galdyrýar. Häzirki zaman masgarabazlarynyň däp bolan ýörelgeleri geçen asyryň meşhur teatr şüweleňlerinden (Variete) gözbaş alýar. Masgarabazlaryň iň uly ýygnagy 1991-nji ýylda Angliýanyň Bognor Regis şäherinde geçirilip, oňa 850 töweregi masgarabaz gatnaşýar. Her ýylyň 5-nji noýabrynda masgarabazlaryň halkara birleşmesiniň guramagynda dünýäniň dürli ýerlerinde masgarabazlaryň hünär baýramy bellenilýär. Sahnada uzak wagtlap çykyş eden masgarabaz ispaniýaly Çarli Riwel hasaplanýar. Ol 3 ýaşyndan başlap, 82 ýaşyna çenli öz hünärini tomaşaçylara görkezýär.



# Witaminlere baý miwe

**Güýz paslynda ýetişýän miweleriň biri hem hurmadyr. Hurma gadym döwürlerden bäri Ýakyn Gündogar ýurtlarynda ösdürilip ýetişdirilýän belli agaçlaryň biri hökmünde tanalýar. Onuň muma meňzeş, daşy ýalpyldawuk, goýy goňur miwesinde adam saglygy üçin peýdaly witaminleriň birnäçesi saklanýar. Hurma iýmit siňdiriş ulgamyny kadalaşdyryp, bedeniň gorag ulgamyny güýçlendirýär. Düzümindäki A witamini görüş ulgamynyň işini ösdürip, magniý nerw ulgamynyň işini sazlaýar. Şeýle hem bedeni C, A witamini, mis, demir, kalsiý, fosfor, folat, marganes we beta-karotin ýaly ýokumly maddalar bilen üpjün edýär.**

**Hurma ýolnan wagty gatyrak bolsa, ony birnäçe gün otag temperaturasynda goýup, ýumşanyndan soňra iýmek has peýdalydyr. Durdugyça süýjeýän hurmanyň beýleki miwelerden ýene bir tapawudy çigitli we çigitsiz görnüşde bolmagydyr. Hurmanyň köp durmagy bilen fruktoza gatlaklary birleşip, tokga-tokga gatlak emele gelýär. Bu miwäniň çüýremegi däl-de, tebigy şekeriň birleşmegi bolup, ony has-da tagamly edýär.**

**Hurmany çigligine iýmek bilen bir hatarda, ondan dürli şerbetler, süýjülikler, marmeladlar taýýarlanýar. Köp ýurtda onuň kakadylan görnüşi, doňdurmasy meşhur bolsa, käbir ýerde onuň gök otlar bilen gaýnadylan çorbasy hem meşhurdyr. Käbir ýurtda bu miwäni peýnir, gök otlar bilen goşup, işdäaçar taýýarlaýarlar.**

**Häzirki wagtda yssy ýurtlaryň köpüsinde (Ortaýer deňziniň kenarlary, Aziýa, ABŞ, Meksika) hurma tokaýlyklary bolup, onda hurmanyň birnäçe görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär.**



## ÇAGALAR

✓ Wombat uzak wagtlap (14 gün) iýmit siňdirmegi bilen tapawutlanýan ýeke-täk jandar bolup, her gün 22 ml suw bilen oňup bilýär.

# AÝYMY ÝA-DA KOALA?

Daşyndan göräýmäge aýy ýa-da ullakan gemriji ýalydyr. Bedenindäki aýratynlyklara seredeniňde koala hem meňzeýär. Şeýle meňzeşliklere garamazdan, wombat Awstraliýada ýaşaýan endemik jandar bolup, süýdemdirijileriň hordalylar tipine girýär. Bedeniniň uzynlygy 70-130 santimetre, agramy 20-45 kilograma ýetýän bu jandar äpet göwresi bilen tapawutlanýar. Ullakan kelleli, çalymtyl-goňur sütükli, kiçijik gözli bu jandaryň keltejik guýrugy bar. Sagatda 40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýän wombatyň bäş barmagynyň dördüsi ýiti dyrnakly bolup, ony ýer gazmakda peýdalanýar. Bu jandaryň görşi pesräk bolup, eşitmek we ys almak duýgusy has ösendir. Howplardan goranmak üçin çaltlyk bilen agaja çykyp, suwa çümüp hem-de ylgap bilýär. «Tunnel gazyjylar» adyny alan bu jandarlar ullakan hinleri gazýarlar we howp abanan ýagdaýynda hininiň agzyny gum bilen ýapyp goýýarlar. Wombatlar gündizine gaçybatalgalarda dynç alyp, gijesine awa çykýarlar. Olaryň esasy iýmiti otlaryň ter ýapragy bolup, käwagt ösümligiň kökleri, kömelekdir miweler bilen hem iýmitlenýärler. Geň galmaly ýeri, bularyň iýmit alyş-çalşygy gaty haýal bolup, iýmit siňdirmek üçin 14 gün garaşýarlar. Wombat düýeden soň suwsuzlyga iň çydamly süýdemdiriji hasaplanýar.

Wombatlar irki süýdemdirijileriň biri bolup, Awstraliýanyň gündogar we günorta sebitlerinde, Wiktoriýa, Täze Günorta Uels, Kwinslend we Tasmaniýa ştatlarynda dürli tebigy şertlerde ýaşaýarlar. Awstraliýanyň käbir fermalarynda bu «utanjaň jandarlar» öý haýwanlary hökmünde hem saklanýarlar.





**Wombat barada gyzykly maglumatlar:**

- Eger howp dörese, özüni kellesi bilen süsmek arkaly goraýar.
- Wombatlaryň hem kengurularyňky ýaly çaga göterýän haltajygy bar.
- «Tunnel gazyjylar» uzynlygy 20 metre, ini 3 metre ýetýän ýerasty hinleri gurup, maşgala bolup ýaşaýarlar.
- Olaryň iýmit siňdirmegi üçin 14 gün gerek. Wombat uzak wagtlap iýmit siňdirmegi bilen tapawutlanýan ýeke-täk jandar bolup, her gün 22 ml suw bilen oňup bilýär.
- Wombatyň iň ýakyn «garyndaşy» koala hasaplanýar.
- Wombatyň bary-ýogy 4 dişi bar: ýokarky äňinde 2, aşaky äňinde 2 sany.
- Täze Günorta Uels ştatynda bu jandaryň adyny göterýän Wombat şäheri bar.

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**Tikin maşyny** iki ýa-da has köp gatly matany birleşdirip, arasyndan dürli hili sapaklary geçirýän tikinçilik enjamydyr. Tikin maşynynyň görnüşine baglylykda hersiniň ýörite tikiş usullary bar. Taryhda ilkinji tikin maşynyny kimiň, haçan oýlap tapandygy barada dürli pikirler bolup, bilermenler ony şeýleräk tertipde kesgitleýärler.

Ilkinji tikin maşynyny ýasamak baradaky pikirler XVIII asyra degişli bolup, şol döwürde köp taslamalar işlenip düzülýär. Tikin maşynynyň ilkinji patenti 1790-njy ýylda iňlis oýlap tapyjysy Tomas Sente berilýär. Ol oýlap tapan enjamy arkaly deri önümlerini tikýär. 1775-nji ýylda nemes inženeri Çarlz Wizental tikin maşynyna aýryp-dakyp bolýan iňňäni oýlap tapýar. Bu oýlap tapyşlar deri önümlerini tikmek üçin niýetlenip, mata üçin ilkinji tikin maşynyny 1814-nji ýylda wenaly tikinçi Ýozef Madersperger oýlap tapýar. Ilkibaşda göni tikişi ýerine ýetirip bolýan maşynda, soňlugy bilen keşdeli hem-de kiçijik tegelek tikinleri hem tikip bolýar. Ýöne bu enjam köpçülikleýin öndürilmeýär. 1830-njy ýylda fransuz tikinçisi Bartelemi Timonýe harby egin-eşikleri tikmek üçin köpçülikleýin tikin maşynyny oýlap tapýar. Bu maşynyň satuwda şowsuzlygy sebäpli gaty az adam ulanýar.

Dürli ýyllarda birnäçe oýlap tapyjylar «tikin maşyny» ady bilen taslamalaryny hödürleýärler. Taslamalaryň durmuşa ornaşdyrylandygyna garamazdan, olaryň köpüsi ulanyjylar tarapyndan tassyklanmaýar. 1832-nji ýylda amerikaly inžener Wolter Hant tikin maşynynyň kämil görnüşini oýlap tapýar. Onuň oýlap tapan iki iňňeli, naýçaly, sürgüsi, oky hem-de ýapyk tegelekde aýlanýan el çarhy bolan tikin maşynyny köpçülik halaýar. Şeýle-de bolsa, Hant oýlap tapan enjamynyň tikinçileri işinden kesjekdigini pikir edip, onuň köpçülikleýin öndürilmegine garşy çykýar. Dokuz ýyldan soň Hantyň watandaşy Jon Grinof iňňäniň



matadan dolulygyna geçýän tikin maşynyny öndürýär. Ýöne bu enjam şowsuz bolýar. 1846-njy ýylda amerikaly oýlap tapyjy Elias Hou ullakan el çarhy bolan, beýlekilere meňzemeýän tikin maşynyny işläp düzýär. Oýlap tapyşyň şowly bolandygyna garamazdan, bu tikin enjamy işlemek üçin oňaýly görülmeýär. 1850-nji ýyllarda amerikaly medeniýet işgäri Isak Singer «Lerow&Blodgett» atly tikin maşynyny oýlap tapýar we bu enjam köpçülik tarapyndan kabul edilýär. Şol döwürde enjamyň iňňesini herekete getirmek üçin el çarhy ulanylyp, minutda 900 tikin ýerine ýetirip bilýär. Singer tikin maşynyny kämilleşdirmegiň ýollaryny gözleýär. Netijede, iňňäni dartyş ulgamy arkaly dikligine saklaýan, el çarhyny aýak pedaly bilen herekete getirip bolýan, matany saklamak üçin amatly bolan stol bilen enjamlaşdyrylan tikin maşynyny işläp düzýär. Oýlap tapyjy bu enjamyna «ýöreýän tikin maşyny» diýip at goýýar. Singer tikin maşynynyň mahabatyny çar tarapa ýaýradyp, onuň meşhurlygyny hem-de satuwyny artdyrýar. Oýlap tapyjynyň esaslandyran «Singer» kompaniýasy 1933-nji ýylda Çikago Bütindünýä sergisinde tikin maşynynyň «featherweight» nusgasyny hödürleýär. Kiçijik, tikmek üçin oňaýly bu maşynlar dünýäniň ähli ýerine ýaýraýar hem-de birnäçe ýyllap öz meşhurlygyny ýitirmeýär.

1970-nji ýyllarda tikin maşynynyň elektrik motorly görnüşleri öndürilip başlanýar. Elektrotikin maşynlary senagat üçin uly öwrülişik bolup, soňra onuň görkezilen ülňi boýunça tikini ýerine ýetirýän emeli çipli, sensor ekranly görnüşleri hem oýlanyp tapylýar. Häzirki wagtda tikin maşynlarynyň birnäçe nusgasy bar. Döwrebap tikin maşynlary bilen bezeg işlerini, tikin tikmegiň dürli usullaryny aňsatlyk bilen ýerine ýetirip bolýar.

## Origami



## Labirint



## Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 3 | 6 | | |
| | 1 | | | 5 | 2 |
| | 2 | | 5 | | |
| 3 | 6 | | | | |
| 5 | | 2 | | 1 | |
| 1 | | | | 3 | |

## Binox

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| X | | | | O | |
| | | | O | | |
| O | O | | | X | |
| O | | | | X | |
| | | | | | O |
| O | | O | | | |

## San diňi



# GÜÝMENJE

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




## 17-nji SKANWORD

**Baýrammuhammet ATANEPESOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*






**DIKLIGINE:** **6.** Günorta Amerikada bir döwlet. **7.** Elektrik togunyň güýjelmesiniň ölçeg birligi. **8.** Däneli ekin. **9.** Hepdäniň bir güni. **10.** Köpýyllyk uly şahaly ösümlik. **11.** «Iş köp – kömür az, ... köp – demir az» (nakyl). **12.** Ýüň, pamyk egrilýän sada el guraly. **14.** Alaw, ataş. **16.** Bedew. **17.** Ýokary ýa-da ýörite orta mekdebi gutarandygy hakynda resmi şahadatnama. **19.** Zeýrenç, nalyş. **20.** Oba hojalyk guraly. **21.** «Peltesiz çyra ..., hünärsiz ile ýaramaz» (nakyl). **22.** Müşk, anbar. **24.** Uzyn aýakly, durna meňzeş ak guş. **25.** Birsydyrgyn bolmadyk reňk. **26.** Mähriban ynsan. **32.** Birine ýa-da bir zada esewan bolmaklyk. **33.** Aýakgaplaryň apgyrtdan ýokarky injigi ýapyp duran bölegi. **35.** Aw awlamak üçin saklanylýan ýyrtyjy guş. **37.** ABŞ-nyň bir ştaty. **39.** «... küýzäň suwy ýokmaz» (nakyl). **41.** Gazylyp alynýan gaty ýangyç, magdan. **42.** Ýeriň hemrasy. **45.** Ökünçli, puşmanly. **47.** Bir zada bolan erk, eýeçilik. **48.** Zaryn sesli, ahy-nalaly. **50.** Bir zat ýa-da biri hakynda oýlanyp tapylan ýalan gürrüň. **52.** ...-alada. **54.** Öý jandary. **57.** Jübüt san. **59.** Adamyň kellesiniň öň tarapky bölegi. **61.** Ördegiň bir görnüşi. **63.** Üst-baş, daş görnüş. **65.** «Sabyr edenler, gara dagy ýer eder, bisabyrlar haýyr işi ... eder» (nakyl). **67.** Mör-möjekler maşgalasyndan bolan çakýan, ganatly möjejik. **69.** Aziýada bir döwlet. **71.** Owadan, görmegeý. **73.** Bir zada gaty gynanylanda ýa-da gaty agyry zerarly edilýän gözýaş. **75.** «Aç başym – ... gulagym» (nakyl). **76.** Anha, ynha. **77.** Baýtalyň bir ýaşa çenli ýaşajyk gunany. **78.** «Sakgaly bar, murty ýok» (matal). **79.** Iki zadyň ortalygy. **80.** Hasaplanandan soň çykýan umumy san.

**KESELIGINE:** **1.** Ýyl hasabynyň başlanan wagty, ulgamy. **2.** Elektrik energiýasy. **3.** Meýdan, takyr. **4.** Naharly, naharlanan. **5.** «Bidi-bidi, meni ýykdy, gidiberdi» (matal). **13.** But ýa-da gol süňküniň bir bölegi. **15.** Sagdyn däl, ýarawsyz. **17.** Gözegçilik etmek ýa-da bellik, nyşan üçin dikeldilen minara. **18.** Säwlik, tötänlik. **21.** Demir ussahanasynda suw guýlup goýulýan gap. **23.** Atyň toýnagyna kakylýan demir halkajyk. **27.** Belli bir belentlikdäki ses. **28.** Pagtadan egrilen ýüplük we şol ýüplükden dokalan mata. **29.** Ösümlik çigidinden alynýan önüm. **30.** Uşak däl, uly. **31.** Tirsekden barmagyň ujuna barýança bolan uzynlyk. **34.** Oba hojalygyndaky ownukly-irili jandarlar. **36.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **37.** Adam organizminiň daşky görnüşi, beden. **38.** Ýerasty suwlarynyň aşa köp bolmagy zerarly ýokary çykýan yzgar, suw. **40.** «Saýa garap, ... ölçeme» (nakyl). **41.** Ösümligiň ýeriň astyndaky bölegi. **43.** Erkek dogan. **44.** «Daşy – jäjek, ... – möjek» (nakyl). **45.** «... hem bolsa, çyn söz ýagşy» (nakyl). **46.** Alyn dişlerden aňyrda ýerleşýän, iýmit çeýneýän iri we ýasy dişler. **48.** Iň uzyn derýa. **49.** Bir zadyň ýokarky bölegi. **51.** Iýmiti dişläp almak, çeýnäp iýmek üçin agyzda ýerleşýän ownukly-irili süňkler. **53.** Ak reňkli irimçik nah mata. **55.** Insiz, uzyn ýaprakly, ýaýraň, çeýe şahaly agaç. **56.** Çalt, basym. **58.** Ýyrtyjy jandar. **60.** «Ýagşydan ... galar, ýamandan – ýürekde dag» (nakyl). **62.** Rumyn pul birligi. **64.** Birine ýa-da bir zada bolan içki ýakynlyk duýgusy. **66.** Metaldan edilen gap, tabak. **68.** Başgalara aýan bolmadyk pikir. **70.** Ýiti agyry, ynjy. **72.** Sil suwunyň akýan ugry. **74.** Sypaýy, edepli. **81.** «Aksakgal ak ... bolar, ýöne göwni ýaş bolar» (nakyl). **82.** Beden synasy. **83.** Güýçli gury sowuk, aňzak. **84.** Ýer sürülýän ýönekeýje azalyň ýerdemir geýdirilýän bölegi, ýogyn agaç. **85.** Keseligine däl, ýokarlygyna duran.

## 48-nji KROSSWORD

**Eset ÖWÜLÝAGULYÝEW,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

## SPIRAL KROSSWORD



**Daşyndan içine:** **1-7.** Suwda ýaşasa-da ýüzüp bilmeýän jandar. **7-12.** Şygyr düzmegiň bir täri. **12-20.** Metriň ýüzden bir bölegi. **20-25.** Tamdyra çörek ýapylanda ele geýdirilýän tegelek esbap. **25-33.** Öňden hiç hili tanyşlygy bolmadyk, tanamaýan adamy bilen edil tanyş ýaly hereket edýän adam. **33-39.** Düwmeli gyzyl çaýylan bezeg şaýy. **39-47.** Halk döredijiliginiň gelin-gyzlar tarapyndan ýerine ýetirilýän bir žanry. **47-49.** Balyk (köne söz). **49-56.** Gawunyň bir görnüşi. **56-62.** Kyssa görnüşli gysgajyk eser. **62-71.** Binagär. **71-75.** Okuw esbaby. **75-81.** Merkezi Aziýanyň merjen şäheri. **81-87.** Ýer sürlende we beýleki oba hojalyk işlerinde ulanylýan kuwwatly maşyn. **87-93.** Turpuň bir görnüşi. **93-98.** Şir, ýolbars. **98-103.** Aýlaw-aýlaw hyrly çüý.

47-nji krosswordyň jogaby:



16-njy skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# «AHALYŇ» ULY HASAPLY ÝEŇŞI

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 17-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 3 duşuşykda ýer eýeleri ýeňiş gazanyp, jemi 18 gol hasaba alyndy. Sanawyň lideri «Ahal» öz meýdançasynda «Energetikden» 6-0 hasabynda üstün çykdy. «Ahal» toparyna ýeňiş getiren gollary 15-nji minutda Meýlis Diniýew, 24-nji minutda Abdy Bäşimow, 35-nji minutda Elman Tagaýew, 45-nji we 49-njy minutlarda Şanazar Tirkişow hem-de 70-nji minutda Selim Nurmyradow geçirdi. Çempion «Altyn asyr» myhmançylykda «Şagadam» bilen duşuşyp, 3-1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy. Duşuşykda ýer eýeleri 2-nji minutda Salim Umarowyň goly bilen öňe saýlansa-da, 10 minutdan soň Ahmet Ataýew hasaby deňledi. 29-njy minutda-da Yhlas Toýjanow «Altyn asyry» öňe çykardy. 7 futbolçynyň sary kart alan duşuşygynda 50-nji minutda tapawutlanan Begmyrat Baýow oýna soňky nokady goýdy.



3-nji ýer ugrunda ýiti göreş alyp barýan iki topar – «Köpetdag» bilen «Merw» bu tapgyry ýeňiş bilen tamamlamagy başardylar. «Köpetdag» öz meýdançasynda «Nebitçini» 4-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Oýunda 33-nji, 59-njy we 69-njy minutlarda tapawutlanan Öwezbaý Muhammetmyradow het-trik edip, toparynyň ýeňiş gazanmagyna uly goşant goşdy. «Köpetdagyň» beýleki goluny 68-nji minutda Begenç Akmämmedow geçirdi. Myhmanlaryň ýeke-täk goluny-da 87-nji minutda Gurbandurdy Orazgylyjow öz adyna ýazdyrdy.

Marynyň «Merw» topary-da Alibek Abdyrahmanowyň 12-nji we 22-nji minutlardaky gollary esasynda «Aşgabat» toparyndan 2-1 üstün çykdy. «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 62-nji minutda Merdan Muhadow derweze girizdi.

Çempionatyň 18-nji tapgyrynyň duşuşyklary 4-nji hem-de 5-nji noýabrda geçiriler. Şonda «Nebitçi» – «Merw», «Ahal» – «Şagadam», «Energetik» – «Aşgabat», «Altyn asyr» – «Köpetdag» duşuşyklary oýnalar.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | «AHAL» | 17 | 14 | 3 | 0 | 59–12 | 45 |
| 2 | | «ALTYN ASYR» | 17 | 11 | 5 | 1 | 29–9 | 38 |
| 3 | | «KÖPETDAG» | 17 | 9 | 1 | 7 | 31–28 | 28 |
| 4 | | «MERW» | 17 | 8 | 2 | 7 | 25–23 | 26 |
| 5 | | «ŞAGADAM» | 17 | 6 | 4 | 7 | 28–26 | 22 |
| 6 | | «AŞGABAT» | 17 | 5 | 1 | 11 | 19–28 | 16 |
| 7 | | «ENERGETIK» | 17 | 3 | 3 | 11 | 11–38 | 12 |
| 8 | | «NEBITÇI» | 17 | 2 | 1 | 14 | 21–59 | 7 |

# Bir möwsümde iň köp ýeňiş gazanan sürüji

**Formula 1 boýunça möwsümiň 20-nji ýaryşy Meksikada geçirilip, çempionlygyny ozal yglan eden «Red Bulluň» niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ilkinji hatardan bat alan Werstappen paýtagt Mehiko Sitidäki Hermanos Rodrigesiň adyny göterýän trassada geçirilen 71 aýlawlyk ýaryşy 1 sagat 38 minut 36,729 sekuntda tamamlamagy başardy. Şeýlelikde, şu möwsümde 14-nji, karýerasy boýunça-da 34-nji gezek münberiň çür depesine çykan Maks Werstappen bir möwsümde iň köp ýeňiş gazanan sürüji boldy. Ol bu ugurda 13 ýeňşi bolan germaniýaly pilotlar – Mihael Şumaher hem-de Sebastian Wetteliň rekordyny täzelemegi başardy.**

**Ýaryşda ýeňijiden 15,186 sekunt soň pellehana gelen britaniýaly Lýuwis Hamilton («Mercedes») 2-nji, ýeňijiniň topardaşy, meksikaly Serhio Peres bolsa 18,097 sekunt yza galyp, 3-nji ýeri eýeledi.**



**«Mercedes» toparynyň beýleki britan sürüjisi Jorj Rasseliň 4-nji ýeri eýelän ýaryşynda «Ferrariniň» pilotlary – ispaniýaly Karlos Saýns Junior bilen monakoly Şarl Lekler 5-6-njy orunlara mynasyp boldular.**

**Möwsümiň 21-nji ýaryşy 13-nji noýabrda Braziliýada geçiriler.**

# Ýewropada hepdäniň esasy duşuşyklary:

Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda Dünýä Kubogynyň başlanmagyna az wagt galanda, nobatdaky tapgyrda biri-birinden gyzykly duşuşyklar, derbiler futbol janköýerlerine garaşýar. Angliýada London derbisinde «Çelsi»–«Arsenal», şeýle-de «Tottenham»–«Liwerpul», Italiýada Rim derbisinde «Roma»–«Lasio», Italiýa derbisinde «Ýuwentus»–«Inter», Ispaniýada-da Sewilýa derbisinde «Betis»–«Sewilýa» duşuşyklary oýnalar.




**5-nji noýabr:** «Herta»–«Bawariýa» (19:30), «Man. Siti»–«Fulham» (20:00), «Atalanta»–«Napoli» (22:00), «Galatasaraý»–«Beşiktaş» (22:00), «Milan»–«Spesiýa (00:45), «Barselona»–«Almeriýa» (01:00); **6-njy noýabr:** «Çelsi»–«Arsenal» (17:00), «Loriýan»–PSŽ (17:00), «Aston Willa»–«Man. Ýunaýted» (19:00), «Baýer»–«Union Berlin» (19:30), «R. Sosiedad»–«Walensiýa» (20:15), «Aýaks»–PSW (20:45), «Rostow»–«Dinamo» (21:00) «Tottenham»–«Liwerpul» (21:30), «Roma»–«Lasio» (22:00), «Ýuwentus»–«Inter (00:45), «Marsel»–«Lion» (00:45), «Betis»–«Sewilýa» (01:00); **7-nji noýabr:** «Raýo Wallekano»–«Real Madrid» (01:00).

**XXII Dünýä Kubogyna 16 gün galdy**

# Dünýä Kubogynyň rekordlary (3)

☑ **Dünýä Kubogynda iň köp duşuşykda jürlewük çalan emin:** Rawşan Irmatow (Özbegistan, 2010 – 2018) – 11 duşuşyk



☑ **Iň köp çempionata gatnaşan eminler:** J. Langenus (Belgiýa, 1930–1938), I. Eklind (Şwesiýa, 1934–1950), B. Griffits (Uels, 1950–1958), A. Ellis (Angliýa, 1950–1958), H. Gardeazabal (Ispaniýa, 1958–1966), E. Fredriksson (Şwesiýa, 1982–1990), J. Al Şarif (Siriýa, 1986–1994), Žoel Kuiniou (Fransiýa, 1986–1994), A. Muhamed Bujsaim (BAE, 1994–2002), O. Ruiz (Kolumbiýa, 2002–2010), K. Eujenio Simon (Braziliýa, 2002–2010), M. Rodriges (Meksika, 2006–2014), Ž. Agilar (Salwador, 2010–2018), R. Irmatow (Özbegistan, 2010–2018) — 3 çempionat.

☑ **Bir çempionatda iň köp duşuşykda jürlewük çalan eminler:** Beniti Arkundia (Meksika, 2006), Horasio Elizondo (Argentina, 2006), Rawşan Irmatow (Özbegistan, 2010), Nestor Pitanýa (Argentina, 2018) – 5 duşuşyk.

☑ **Dünýä Kubogynda jürlewük çalan iň ýaşuly emin:** Jorj Rider (Angliýa, 1950) – 53 ýaş 236 gün.

☑ **Dünýä Kubogynda jürlewük çalan iň ýaş emin:** Huan Gardeazabal (Ispaniýa, 1958) – 24 ýaş 193 gün.

☑ **Iň köp duşuşykda tälimçi bolan:** Helmut Şön (G. Germaniýa, 1966 – 1978) – 25 duşuşyk.

☑ **Iň köp ýeňiş gazanan tälimçi:** Helmut Şön (G. Germaniýa, 1966 – 1978) – 16 duşuşyk.

☑ **Iň köp çempionata gatnaşan tälimçi:** Karlos Alberto Parreira (Braziliýa, 1982, 1990, 1994, 1998, 2006, 2010) – 6 çempionat.

☑ **Iň köp ýygynda tälim beren tälimçiler:** serbiýaly Bora Milutinowiç (Meksika, 1986; Kosta Rika, 1990; ABŞ, 1994; Nigeriýa, 1998; Hytaý, 2002) bilen braziliýaly Karlos Alberto Perreira (Kuweýt, 1982; BAE, 1990; Braziliýa, 1994, 2006; S. Arabystany, 1998; Günorta Afrika, 2010) — 5 ýygyndy.

☑ **Dünýä Kubogyna gatnaşan iň ýaşuly tälimçi:** germaniýaly Otta Rehhagel (Gresiýa, 2010) — 71 ýaş 317 gün.

☑ **Dünýä Kubogyna gatnaşan iň ýaş tälimçi:** argentinaly Huan Hoze Tramutola (Argentina, 1930) – 27 ýaş 267 gün.

☑ **Iň uly hasaply ýeňişler:** Wengriýa—G. Koreýa: 9–0 (1954), Ýugoslawiýa—Zair: 9–0 (1974), Wengriýa—Salwador: 10–1 (1982).

☑ **Iň köp gol geçirilen duşuşyklar:** Awstriýa—Şweýsariýa: 7–5 (1954), Wengriýa—Salwador: 10–1 (1982).

☑ **Iň uly hasaply deňme-deňlikler:** Angliýa—Belgiýa: 4–4 g.w. (1954), SSSR—Kolumbiýa: 4–4 (1962).

☑ **Bir çempionatda iň köp gol geçiren topar:** Wengriýa – 27 gol (1954).

☑ **Iň köp gol geçirilen çempionatlar:** Fransiýa 1998, Braziliýa 2014 – 171 gol.

☑ **Iň az gol geçirilen çempionatlar:** Urugwaý 1930, Italiýa 1934 – 70 gol.

☑ **Ortaça iň köp gol geçirilen çempionat:** Şweýsariýa 1954 – ortaça 5,38 gol.

☑ **Ortaça iň az gol geçirilen çempionat:** Italiýa 1990 – ortaça 2,21 gol.

☑ **Iň çalt sary kart alan futbolçy:** meksikaly Hesus Galýardo (Meksika – Şwesiýa, 2018) – 11-nji sekunt.

☑ **Iň çalt gyzyl kart alan futbolçy:** urugwaýly Hose Batista (Urugwaý – Şotlandiýa, 1986) – 56-njy sekunt.

☑ **Iň köp sary kart alan futbolçy:** Hawier Maskerano (Argentina, 2006 – 2018) – 7 kart.

☑ **Iň köp gyzyl kart alan futbolçylar:** Rigobert Song (Kamerun, 1994, 1998), Zinedin Zidan (Fransiýa, 1998, 2006).

☑ **Iň köp sary kart görkezilen çempionat:** Germaniýa 2006 – 345 sary kart (64 oýun).

☑ **Iň köp gyzyl kart görkezilen çempionat:** Germaniýa 2006 – 28 gyzyl kart (64 oýun).

☑ **Iň köp gol geçiren topar:** Braziliýanyň ýygyndysy – 229 gol.

☑ **Iň köp gol geçirden topar:** Germaniýanyň ýygyndysy – 125 gol

☑ **Gol geçirip bilmedik toparlar:** Kanada, Hytaý, Indoneziýa (GGH), Trinidad we Tobago hem-de Kongo DR (Zair)

*(Dowamy bar)*

# UEFA-nyň wekilleri ÖŇDELIGI EÝELEÝÄR



Şu wagta çenli geçirilen 21 Dünýä Kubogyna 79 ýygyndy gatnaşdy. 22-nji Dünýä Kubogyny guraýjy Katar çempionatda çykyş etjek 80-nji milli ýygyndy bolar. 8 ýygyndy çempionlyk gazanyp, jemi 20 ýygyndy medal gazanmagy başardy. Braziliýanyň ýygyndysy 5 çempionlyk bilen öňde barýar we sambaçylar gazanan kuboklarynyň 4-sini (1958, 1970, 1994, 2002) başga yklymlarda asmana götermegiň hötdesinden geldiler. Argentinanyň (1986), Ispaniýanyň (2010) hem-de Germaniýanyň (2014) ýygyndylary-da başga yklymlarda çempion bolan beýleki toparlardyr. Dünýä Kubogyny 2006-njy ýyldan bäri ýewropalylar (Italiýa, Ispaniýa, Germaniýa hem-de Fransiýa) gazanyp gelýärler. Bu çempionlyklardan soň ýewropalylar Günorta amerikalylardan umumy hasapda 12—9 öňde barýarlar.

## DIŇE 2 ÝYGYNDY BAR

● Ýarym finala 24 ýygyndy çykyp, şolaryň diňe 2-si Ýewropadan ýa-da Günorta Amerikadan däl. Demirgazyk Amerikanyň wekili ABŞ-nyň milli ýygyndysy 1930-njy ýylda bürünç medaly, Aziýanyň wekili Günorta Koreýa bolsa 2002-nji ýylda 4-nji ýeri eýeläpdi. Afrikanyň wekillerine-de häzirlikçe çärýek finaldan öňe geçmek başartmady (Kamerun, 1990; Senegal, 2002; Gana, 2010). Okeaniýa wekilçilik edýän döwürlerinde Awstraliýa hem yklymynyň adyndan 2-nji tapgyra çykypdy (2006).

Dünýä Kubogyna iň köp UEFA-dan, ýagny Ýewropadan milli ýygyndy gatnaşdy. Dünýäniň iň gadymy kontinentiniň 34 wekili bu çempionatda çykyş etdi. Has takygy, häzirki wagtda 55 agzasy bolan UEFA-nyň 33 wekili Dünýä Kubogyna azyndan bir gezek gatnaşdy. Taryhynda 1 gezek Dünýä Kubogyna gatnaşan häzirki wagtda UEFA-nyň agzasy bolan Ysraýylyň ýygyndysy (1970) AFK-nyň agzasy döwründe wekilçilik edipdi. San babatda UEFA-dan soň 2-nji ýeri Afrika yklymy eýeläp, 54 agzasy bolan KAF-yň 13 ýygyndysy Dünýä Kubogynda özüni görkezdi. 12 wekili gatnaşan Aziýa yklymy 3-nji orny eýeleýär (Ysraýylyň AFK-nyň agzasy wagty gatnaşan çempionaty hasaba alynmady). Demirgazyk, Merkezi Amerika hem-de Karibler zolagynyň, ýagny 41 agzasy bolan KONKAKAF-yň 11 ýygyndysy Dünýä Kubogynda çykyş etdi. Dünýä futbolynyň öňdebaryjy 2 yklymynyň biri hasaplanýan Günorta Amerikanyň (KONBEBOL) 9 wekili Dünýä Kubogyna gatnaşdy. Ýeri gelende aýtsak, bu yklymyň jemi 10 ýygyndysy bolup, şolaryň 9-sy Dünýä Kubogynyň tejribesini başdan geçirdi. Bu yklymdan diňe Wenesuelanyň ýygyndysyna Dünýä Kubogyna gatnaşmak miýesser etmedi. Okeaniýanyň (OFK) hem 1 wekili (Täze Zelandiýa) Dünýä Kubogyna gatnaşdy. Häzirki wagtda AFK-nyň agzasy bolan Awstraliýanyň ýygyndysy Okeaniýa wekilçilik edýän döwürlerinde-de Dünýä Kubogynda çykyş edipdi.

Şeýle-de, UEFA-nyň wekilleri umumylykda 258-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşarlar. Ýagny UEFA-nyň adyndan wekilçilik eden 33 ýygyndy Katar 2022-ni hem hasaba alanyňda jemi 258-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder. Günorta amerikalylarda bu görkeziji 89-a deňdir. Afrikalylar 49, Demirgazyk amerikalylar 46, aziýalylar 43-nji gezek Dünýä Kubogynda özlerini görkezerler.

Mundan öňki 21 Dünýä Kubogynyň ählisine 3 yklymyň (Ýewropa, Günorta hem-de Demirgazyk Amerika) azyndan 1 wekili gatnaşdy. 1978-nji ýyldan bäri yzygiderli gatnaşyp gelýän aziýalylar mundan öňki 21 çempionatyň 15-sinde çykyş etdiler. Ilkinji sapar 6 topar bilen gatnaşýan Aziýanyň ýygyndylary Katar 2022-ni hasaba alanyňda, 16-njy gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik ederler. Aziýalylar Dünýä Kubogyna ilkinji gezek 1938-nji ýylda gatnaşypdy. Yklymyň adyndan wekilçilik eden ilkinji topar şol wagtlar Golland Gündogar Hindistany ady bilen gatnaşan Indoneziýanyň ýygyndysy bolup, olar Dünýä Kubogynda 1 duşuşyk geçiren ýeke-täk ýygyndydyr. 1934-nji ýylda ilkinji gezek wekil ugradan afrikalylar 22-nji çempionaty-da hasap etsek, 15-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş ederler. Okeaniýalylar bolsa 4 gezek özlerini görkezdiler.

Bir çempionatda yklymlaryň iň köp ýygyndy bilen çykyş eden döwürleri: Ýewropa — 15 (1998, 2002), Günorta Amerika — 6 (2014), Aziýa — 6 (2022), Demirgazyk Amerika — 4 (2006, 2014, 2022).

* * *

Dünýä Kubogyna yzygiderli gatnaşmakda Braziliýa taý ýok, sambaçylar ähli çempionatda çykyş etdiler. Bu ugurda nemesler 2-nji bolup, olar bassyr 18-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşarlar. Argentina 13, Ispaniýa 12, Aziýanyň wekili Günorta Koreýa bolsa 10 gezekden bäri futbolyň iň uly baýramçylygynda yzygiderli ýagdaýda çykyş edip gelýärler. Yzly-yzyna 14 gezek gatnaşan Dünýäniň 4 sapar çempiony Italiýanyň milli ýygyndysyna 2 gezekden bäri wekilçilik etmek başardanok.

## 84 ÝYLDAN BÄRI GATNAŞMAK BAŞARDANOK

● Munuň tersine, 1 gezek gatnaşan ýygyndylaryň käbiriniň Dünýä Kubogynda çykyş edenine 80 ýyldan hem köp wagt geçdi. Kubanyň ýygyndysy bilen Indoneziýanyň ýygyndysy (Golland Gündogar Hindistany ady bilen gatnaşypdy) taryhynda 1 gezek Dünýä Kubogynda çykyş etdiler. 1938-nji ýylda gatnaşan 2 ýygyndy bu ugurda rekordyň eýeleridir. Ady agzalan 2 topar 84 ýyldan bäri Dünýä Kubogyna gatnaşman gelýärler we olar yzly-yzyna 19 çempionaty goýberdiler. Iki ýygyndynyň häzirki ýagdaýlaryna seredilende, onda olaryň ýene-de ençeme ýyllap, bu antirekordlaryny ösdürmegine garaşylýar. Ysraýylyň ýygyndysy hem 1 gezek gatnaşyp (1970), onda-da Aziýanyň adyndan wekilçilik edipdi. Olar hem wagtal-wagtal golaýlasalar hem 52 ýyldan bäri Dünýä Kubogynyň daşynda galyp gelýärler. Ysraýylyň ýygyndysy 13 çempionaty goýberip, bu babatda 3-nji ýerde barýar. Edil Kubadyr Indoneziýa ýa-da Ysraýyl ýaly irki ýyllarda bagty çüwüp, Dünýä Kubogyna ýollanma alan ýygyndylaryň hataryna 1974-nji ýylda gatnaşan we şondan bäri-de golaýyndan hem geçip bilmeýän Gaitiniň, Kongo DR-niň (Zair ady bilen gatnaşypdy), 1982-nji ýylda gatnaşan Salwador bilen Kuweýtiň ýygyndylaryny-da goşmak bolar. Gaitililer bilen Kongo DR-liler 13, salwadorlylar bilenem kuweýtliler 10 Dünýä Kubogy ýaryşyna öýlerinde tomaşa etmeli boldular. Soňky gezek 1986-njy ýylda gatnaşan Wengriýadyr Yragyň, Demirgazyk Irlandiýanyň ýygyndylary 9, ilkinji gezek 1990-njy ýylda çykyş eden BAE-niň ýygyndysy-da 8 ýaryşy goýberdi. Boliwiýa 1994-nji, Awstriýa, Bolgariýa, Norwegiýa, Rumyniýa, Şotlandiýa ýaly Ýewropanyň wekilleri, şol sanda Demirgazyk Amerikadan Ýamaýka soňky gezek 1998-nji ýylda Dünýä Kubogyna gatnaşdy.

Ilkinji gezek 1958-nji ýylda gatnaşan Uelsiň ýygyndysy 64 ýyldan soň ahyry Dünýä Kubogyna ýollanma alyp, olar Katar 2022-de «B» toparçada çykyş ederler. Ýogsam olar 15 çempionaty goýberip, 3-nji orunda barýardylar. Müsüriň (1934, 1990), Norwegiýanyň (1938, 1994) hem-de Türkiýäniň (1954, 2022) ýygyndylarynyň ilkinji we ikinji gezek çykyşlarynyň arasynda 11 çempionat geçipdi. Boliwiýadyr (1950, 1994) Demirgazyk Koreýanyň (1966, 2010) ýygyndylaryna hem gatnaşan 2 çempionatynyň arasynda 10 Dünýä Kubogyna gatnaşmak başartmandy.

| Gatnaşan toparlar | Yklymy | Gatnaşan sany | Duşuşyk | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gol | Utuk | Iň ýokary netije | 1930 (13) | 1934 (16) | 1938 (15) | 1950 (13) | 1964 (16) | 1958 (16) | 1962 (16) | 1966 (16 | 1970 (16) | 1974 (16) | 1978 (16) | 1982 (24) | 1986 (24) | 1990 (24) | 1994 (24) | 1998 (32 | 2002 (32) | 2006 (32) | 2010 (32 | 2014 (32) | 2018 (32) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Braziliýa | KONMEBOL | 21 | 109 | 73 | 18 | 18 | 229–105 | 237 | Çempion (5) | 1TAP | 1TAP | 3-NJI | 2-NJI | 1/4 F | ÇEMP | ÇEMP | 1TAP | ÇEMP | 4-NJI | 3-NJI | 2TAP | 1/4 F | 2TAP | ÇEMP | 2-NJI | ÇEMP | 1/4 F | 1/4 F | 4-NJI | 1/4 F |
| Germaniýa * | UEFA | 19 | 109 | 67 | 20 | 22 | 226–125 | 221 | Çempion (4) | – | 3-NJI | 1TAP | – | ÇEMP | 4-NJI | 1/4 F | 2-NJI | 3-NJI | ÇEMP | 2TAP | 2-NJI | 2-NJI | ÇEMP | 1/4 F | 1/4 F | 2-NJI | 3-NJI | 3-NJI | ÇEMP | 1TAP |
| Italiýa | UEFA | 18 | 83 | 45 | 21 | 17 | 128–77 | 156 | Çempion (4) | – | ÇEMP | ÇEMP | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP | 1TAP | 2-NJI | 1TAP | 4-NJI | ÇEMP | 2TAP | 3-NJI | 2-NJI | 1/4 F | 2TAP | ÇEMP | 1TAP | 1TAP | – |
| Argentina | KONMEBOL | 17 | 81 | 43 | 15 | 23 | 137–93 | 144 | Çempion (2) | 2-NJI | 1TAP | – | – | – | 1TAP | 1TAP | 1/4 F | – | 2TAP | ÇEMP | 2TAP | ÇEMP | 2-NJI | 2TAP | 1/4 F | 1TAP | 1/4 F | 1/4 F | 2-NJI | 2TAP |
| Fransiýa | UEFA | 15 | 66 | 34 | 13 | 19 | 120–77 | 115 | Çempion (2) | 1TAP | 1TAP | 1/4 F | – | 1TAP | 3-NJI | – | 1TAP | – | – | 1TAP | 4-NJI | 3-NJI | – | – | ÇEMP | 1TAP | 2-NJI | 1TAP | 1/4 F | ÇEMP |
| Angliýa | UEFA | 15 | 69 | 29 | 21 | 19 | 91–64 | 108 | Çempion (1) | – | – | – | 1TAP | 1/4 F | 1TAP | 1/4 F | ÇEMP | 1/4 F | – | – | 2TAP | 1/4 F | 4-NJI | – | 2TAP | 1/4 F | 1/4 F | 2TAP | 1TAP | 4-NJI |
| Ispaniýa | UEFA | 15 | 63 | 30 | 15 | 18 | 99–72 | 105 | Çempion (1) | – | 1/4 F | – | 4-NJI | – | – | 1TAP | 1TAP | – | – | 1TAP | 2TAP | 1/4 F | 2TAP | 1/4 F | 1TAP | 1/4 F | 2TAP | ÇEMP | 1TAP | 2TAP |
| Niderlandlar | UEFA | 10 | 50 | 27 | 12 | 11 | 86–48 | 93 | 2-nji ýer (3) | – | 1TAP | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 2-NJI | 2-NJI | – | – | 2TAP | 1/4 F | 4-NJI | – | 2TAP | 2-NJI | 3-NJI | – |
| Urugwaý | KONMEBOL | 13 | 56 | 24 | 12 | 20 | 87–74 | 84 | Çempion (2) | ÇEMP | – | – | ÇEMP | 4-NJI | – | 1TAP | 1/4 F | 4-NJI | 1TAP | – | – | 2TAP | 2TAP | – | – | 1TAP | – | 4-NJI | 2TAP | 1/4 F |
| Şwesiýa | UEFA | 12 | 51 | 19 | 13 | 19 | 80–73 | 70 | 2-nji ýer (1) | – | 1/4 F | 4-NJI | 3-NJI | – | 2-NJI | – | – | 1TAP | 2TAP | 1TAP | – | – | 1TAP | 3-NJI | – | 2TAP | 2TAP | – | – | 1/4 F |
| Belgiýa | UEFA | 13 | 48 | 20 | 9 | 19 | 68–72 | 69 | 3-nji ýer (1) | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP | – | – | – | 1TAP | – | – | 2TAP | 4-NJI | 2TAP | 2TAP | 1TAP | 2TAP | – | – | 1/4 F | 3-NJI |
| Russiýa * | UEFA | 11 | 45 | 19 | 10 | 16 | 77–54 | 67 | 4-nji ýer (1) | – | – | – | – | – | 1/4 F | 1/4 F | 4-NJI | 1/4 F | – | – | 2TAP | 2TAP | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP | – | – | 1TAP | 1/4 F |
| Serbiýa * | UEFA | 12 | 46 | 18 | 8 | 20 | 66–63 | 62 | 4-nji ýer (1) | 4-NJI | – | – | 1TAP | 1/4 F | 1/4 F | 4-NJI | – | – | 2TAP | – | 1TAP | – | 1/4 F | – | 2TAP | – | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP |
| Meksika | KONMEBOL | 16 | 57 | 16 | 14 | 27 | 60–98 | 62 | 1/4 final (2) | 1TAP | – | – | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 1/4 F | – | 1TAP | – | 1/4 F | – | 2TAP | 2TAP | 2TAP | 2TAP | 2TAP | 2TAP | 2TAP |
| Polşa | UEFA | 8 | 34 | 16 | 5 | 13 | 46–45 | 53 | 3-nji ýer (1) | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 3-NJI | 2TAP | 3-NJI | 2TAP | – | – | – | 1TAP | 1TAP | – | – | 1TAP |
| Wengriýa | UEFA | 9 | 32 | 15 | 3 | 14 | 87–57 | 48 | 2-nji ýer (1) | – | 1/4 F | 2-NJI | – | 2-NJI | 1TAP | 1/4 F | 1/4 F | – | – | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Portugaliýa | UEFA | 7 | 30 | 14 | 6 | 10 | 49–35 | 48 | 3-nji ýer (1) | – | – | – | – | – | – | – | 3-NJI | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | 1TAP | 4-NJI | 2TAP | 1TAP | 2TAP |
| Şweýsariýa | UEFA | 11 | 37 | 12 | 8 | 17 | 50–64 | 44 | 1/4 final (3) | – | 1/4 F | 1/4 F | 1TAP | 1/4 F | – | 1TAP | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 2TAP | – | – | 2TAP | 1TAP | 2TAP | 2TAP |
| Çehiýa * | UEFA | 9 | 33 | 12 | 5 | 16 | 47–49 | 41 | 2-nji ýer (1) | – | 2-NJI | 1/4 F | – | 1TAP | 1TAP | 2-NJI | – | 1TAP | – | – | 1TAP | – | 1/4 F | – | – | – | 1TAP | – | – | – |
| Awstriýa | UEFA | 7 | 29 | 12 | 4 | 13 | 43–47 | 40 | 3-nji ýer (1) | – | 4-NJI | – | – | 3-NJI | 1TAP | – | – | – | – | 2TAP | 2TAP | – | 1TAP | – | 1TAP | – | – | – | – | – |
| Çili | KONMEBOL | 9 | 33 | 11 | 7 | 15 | 40–49 | 40 | 3-nji ýer (1) | 1TAP | – | – | 1TAP | – | – | 3-NJI | 1TAP | – | 1TAP | – | 1TAP | – | – | – | 2TAP | – | – | 2TAP | 2TAP | – |
| Horwatiýa | UEFA | 5 | 23 | 11 | 4 | 8 | 35–26 | 37 | 2-nji ýer (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 3-NJI | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP | 2-NJI |
| Daniýa | UEFA | 5 | 20 | 9 | 5 | 6 | 30–26 | 32 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | – | – | 1/4 F | 2TAP | – | 1TAP | – | 2TAP |
| Paragwaý | KONMEBOL | 8 | 27 | 7 | 10 | 10 | 30–38 | 31 | 1/4 final (1) | 1TAP | – | – | 1TAP | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 2TAP | – | – | 2TAP | 2TAP | 1TAP | 1/4 F | – | – |
| Kolumbiýa | KONMEBOL | 6 | 22 | 9 | 3 | 10 | 32–30 | 30 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 2TAP | 1TAP | 1TAP | – | – | – | 1/4 F | 2TAP |
| ABŞ | KONKAKAF | 10 | 33 | 8 | 6 | 19 | 37–62 | 30 | 3-nji ýer (1) | 3-NJI | 1TAP | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 2TAP | 1TAP | 1/4 F | 1TAP | 2TAP | 2TAP | – |
| Rumyniýa | UEFA | 7 | 21 | 8 | 5 | 8 | 30–32 | 29 | 1/4 final (1) | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | 2TAP | 1/4 F | 2TAP | – | – | – | – | – |
| Günorta Koreýa | AFK | 10 | 34 | 6 | 9 | 19 | 34–70 | 27 | 4-nji ýer (1) | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 4-NJI | 1TAP | 2TAP | 1TAP | 1TAP |
| Nigeriýa | KAF | 6 | 21 | 6 | 3 | 12 | 23–30 | 21 | 2-nji tapgyr (2) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | 2TAP | 1TAP | – | 1TAP | 2TAP | 1TAP |
| Ýaponiýa | AFK | 6 | 21 | 5 | 5 | 11 | 20–29 | 20 | 2-nji tapgyr (3) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 2TAP | 1TAP | 2TAP | 1TAP | 2TAP |
| Kosta Rika | KONKAKAF | 5 | 18 | 5 | 5 | 8 | 19–28 | 20 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | – | – | 1TAP | 1TAP | – | 1/4 F | 1TAP |
| Şotlandiýa | UEFA | 8 | 23 | 4 | 7 | 12 | 25–41 | 19 | 1-nji tapgyr (8) | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | – | – | – | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP | – | – | – | – | – |
| Kamerun | KAF | 7 | 23 | 4 | 7 | 12 | 18–43 | 19 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | 1/4 F | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP | 1TAP | – |
| Peru | KONMEBOL | 5 | 18 | 5 | 3 | 10 | 21–33 | 18 | 1/4 final (1) | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | 1/4 F | – | 2TAP | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP |
| Bolgariýa | UEFA | 7 | 26 | 3 | 8 | 15 | 22–53 | 17 | 4-nji ýer (1) | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | – | 2TAP | – | 4-NJI | 1TAP | – | – | – | – | – |
| Türkiýe | UEFA | 2 | 10 | 5 | 1 | 4 | 20–17 | 16 | 3-nji ýer (1) | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 3-NJI | – | – | – | – |
| Gana | KAF | 3 | 12 | 4 | 3 | 5 | 13–16 | 15 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | 1/4 F | 1TAP | – |
| Irlandiýa | UEFA | 3 | 13 | 2 | 8 | 3 | 10–10 | 14 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/4 F | 2TAP | – | 2TAP | – | – | – | – |
| Demirgazyk Irlandiýa | UEFA | 3 | 13 | 3 | 5 | 5 | 13–23 | 14 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | 1/4 F | – | – | – | – | – | 2TAP | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Ekwador | KONMEBOL | 3 | 10 | 4 | 1 | 5 | 10–11 | 13 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 2TAP | – | 1TAP | – |
| Senegal | KAF | 2 | 8 | 3 | 3 | 2 | 11–10 | 12 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/4 F | – | – | – | 1TAP |
| Alžir | KAF | 4 | 13 | 3 | 3 | 7 | 13–19 | 12 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | – | – | – | – | – | 1TAP | 2TAP | – |
| Marokko | KAF | 5 | 16 | 2 | 5 | 9 | 14–22 | 11 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | 2TAP | – | 1TAP | 1TAP | – | – | – | – | 1TAP |
| Saud Arabystany | AFK | 5 | 16 | 3 | 2 | 11 | 11–39 | 11 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | – | 1TAP |
| Kot-d'Iwuar | KAF | 3 | 9 | 3 | 1 | 5 | 13–14 | 10 | 1-nji tapgyr (3) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – |
| Günorta Afrika | KAF | 3 | 9 | 2 | 4 | 3 | 11–16 | 10 | 1-nji tapgyr (3) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | – | 1TAP | – | – |
| Tunis | KAF | 5 | 15 | 2 | 4 | 9 | 13–25 | 10 | 1-nji tapgyr (5) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | 1TAP | – | – | 1TAP |
| Eýran | AFK | 5 | 15 | 2 | 4 | 9 | 9–24 | 10 | 1-nji tapgyr (5) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | 1TAP | – | 1TAP | – | 1TAP | 1TAP |
| Awstraliýa | AFK | 5 | 16 | 2 | 4 | 10 | 13–31 | 10 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | 1TAP | 1TAP | 1TAP |
| Norwegiýa | UEFA | 3 | 8 | 2 | 3 | 3 | 7–8 | 9 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 2TAP | – | – | – | – | – |
| Gündogar Germaniýa | UEFA | 1 | 6 | 2 | 2 | 2 | 5–5 | 8 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Gresiýa | UEFA | 3 | 10 | 2 | 2 | 6 | 5–20 | 8 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | 1TAP | 2TAP | – |
| Ukraina | UEFA | 1 | 5 | 2 | 1 | 2 | 5–7 | 7 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1/4 F | – | – | – |
| Uels | UEFA | 1 | 5 | 1 | 3 | 1 | 4–4 | 6 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | 1/4 F | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Slowakiýa | UEFA | 1 | 4 | 1 | 1 | 2 | 5–7 | 4 | 2-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 2TAP | – | – |
| Sloweniýa | UEFA | 2 | 6 | 1 | 1 | 4 | 5–10 | 4 | 1-nji tapgyr (2) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | 1TAP | – | – |
| Kuba | KONKAKAF | 1 | 3 | 1 | 1 | 1 | 5–12 | 4 | 1/4 final (1) | – | – | 1/4 F | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Demirgazyk Koreýa | AFK | 2 | 7 | 1 | 1 | 5 | 6–21 | 4 | 1/4 final (1) | – | – | – | – | – | – | – | 1/4 F | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – |
| Bosniýa we Gers. | UEFA | 1 | 3 | 1 | 0 | 2 | 4–4 | 3 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – |
| Ýamaýka | KONKAKAF | 1 | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–9 | 3 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – |
| Täze Zelandiýa | OKEANIA | 2 | 6 | 0 | 3 | 3 | 4–14 | 3 | 1-nji tapgyr (2) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – |
| Gonduras | KONKAKAF | 3 | 9 | 0 | 3 | 6 | 3–14 | 3 | 1-nji tapgyr (3) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 1TAP | 1TAP | – |
| Angola | KAF | 1 | 3 | 0 | 2 | 1 | 1–2 | 2 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – |
| Ysraýyl | UEFA | 1 | 3 | 0 | 2 | 1 | 1–3 | 2 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Müsür | KAF | 3 | 7 | 0 | 2 | 5 | 5–12 | 2 | 1-nji tapgyr (3) | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | 1TAP |
| Islandiýa | UEFA | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–5 | 1 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP |
| Kuweýt | AFK | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–6 | 1 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Trinidad we Tobago | KONKAKAF | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 0–4 | 1 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – |
| Boliwiýa | KONMEBOL | 3 | 6 | 0 | 1 | 5 | 1–20 | 1 | 1-nji tapgyr (3) | 1TAP | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – |
| Yrak | AFK | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–4 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Togo | KAF | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–6 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – |
| Kanada | KONKAKAF | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–5 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Indoneziýa * | AFK | 1 | 1 | 0 | 0 | 1 | 0–6 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Panama | KONKAKAF | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–11 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP |
| BAE | AFK | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–11 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – |
| Hytaý | AFK | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–9 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – |
| Gaiti | KONKAKAF | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–14 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Kongo DR * | KAF | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–14 | 0 | 1-nji tapgyr (1) | – | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Salwador | KONKAKAF | 2 | 6 | 0 | 0 | 6 | 1–2 | 0 | 1-nji tapgyr (2) | – | – | – | – | – | – | – | – | 1TAP | – | – | 1TAP | – | – | – | – | – | – | – | – | – |
| Katar | AFK | | | | | | | | | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – | – |

**Bellik:** * Irki ýyllarda Germaniýa — Günbatar Germaniýa, Russiýa — SSSR, Serbiýa — Ýugoslawiýa, Serbiýa we Garadag, Çehiýa — Çehoslowakiýa, şeýle-de, Indoneziýa — Golland Gündogar Hindistany, Kongo DR — Zair diýen atlar bilen gatnaşdylar.
1TAP – 1-nji tapgyr (toparça), 2TAP — 2-nji tapgyr (1/8 final), 1/4 F— Çärýek final, 4-NJI — 4-nji ýer, 3-NJI — 3-nji ýer, 2-NJI — 2-nji ýer, ÇEMP — Çempion



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# TOPARÇALARDAKY duşuşyklar tamamlandy

*UEFA Çempionlar Ligasynda 2022/2023 möwsüminiň toparçalardaky duşuşyklary tamamlandy. 9 hepdede tamamlanan duşuşyklardan soň 32 klubuň deň ýarysy ýaryşy dowam etdirer. 5 topar bilen ýaryşa başlan nemes klublarynyň 4-si, şol sanda 4 topar bilen gatnaşýan Angliýanyň ähli klublary ýaryşy dowam etdirer. Italýanlaryň 4 toparynyň 3-si, 3 portugal klubunyň 2-si 1/8 finalda çykyş etmäge hukuk gazandy. 4 topar bilen wekilçilik eden ispanlaryň bolsa diňe 1 kluby ýaryşy dowam eder. Beýleki 2 klubuň biri Belgiýanyň, biri-de Fransiýanyň wekilleridir. 1/8 finalyň bijeleri duşenbe güni (7-nji noýabr) çekiler. Bije çekiliş dabarasy Aşgabat wagty bilen 16:00-da başlanar. 1/8 finalyň duşuşyklary bolsa geljek ýylyň 14-15-nji, 21-22-nji fewralynda hem-de 7-8-nji we 14-15-nji martynda oýnalar.*

*6-njy duşuşyklarda jemi 56 gol geçirilip, biri golsuz 2 oýun deňlikde tamamlandy. 7 duşuşykda ýer eýeleri, 7 duşuşykda-da myhmanlar ýeňiş gazandy. Bu tapgyrda iňlis klublarynyň 4-si hem garşydaşlaryndan üstün çykdy. Nemes, ispan hem-de portugal klublarynyň 2-si, italýan we fransuz toparlarynyň 1-i ýeňiş gazandy.*








**«A» toparçada** «Liwerpul» «Napolini» 2–0 hasabynda ýeňse-de, bu olara birinjilik üçin ýeterlik bolmady. Şu möwsümde ähli ýaryşlary hasaba alanyňda ilkinji gezek utulan «Napoli» toparynyň derwezesinden gollary soňky minutlarda, has takygy, 84-nji minutda Mohamed Salah bilen 90+8-nji minutda Darwin Nunýes geçirdi. Şeýlelikde, bu ýaryşda 41-nji gezek tapawutlanan Salah «Liwerpulyň» Çempionlar Ligasynda iň köp gol geçiren 2 oýunçysynyň biri boldy (beýlekisi Stiwen Jerrard). Şeýle-de, bu duşuşyk Ýurgen Kloppuň Çempionlar Ligasyndaky 100-nji, «Liwerpuldaky» 400-nji duşuşygy hökmünde hasaba alyndy.

«Aýaks» bolsa «Reýnjersi» myhmançylykda Berguisiň, Kudusyň hem-de Konseisaonyň gollary bilen 3–1 utup, Ýewropa Ligasyna goşuldy. 6-njy duşuşygynda-da utulan «Reýnjers» 2 gol geçirip, 22 gol geçirtdi we –20 gol aratapawudy bilen Çempionlar Ligasynyň taryhynda iň şowsuz netije görkezen topar boldy. Bu ugurda ozalky antirekord «Dinamo Zagrebe» degişlidi (–19).

**«B» toparçada** «Porto» öz meýdançasynda «Atletikony» 2–1 hasabynda ýeňip, güýçli garşydaşyny Ýewrokuboklaryň daşyna ugratdy. «Portugal» klubuna toparçada liderlik getiren gollary Mehdi Taremi (5) bilen Euştakiu (28) derweзä girizdi. Toparçadaky beýleki duşuşykda «Baýer» – «Klub Brýugge» duşuşygynda hasap açylmady. Toparçadaky 5 duşuşygynda gol geçirtmedik «Klub Brýugge» toparçada 2-nji orny eýeledi. Bu netijelerden soň «Atletiko Madrid» taryhynda ilkinji gezek toparçada 4-nji orna mynasyp boldy.

**«C» toparçadaky** duşuşyklar diňe formal görnüşde bolup, «Bawariýa» topary «Interi» öz meýdançasynda-da 2–0 hasabynda ýeňdi. Şeýlelikde, Pawar hem-de Çupo-Motingiň gollary bilen ýeňen «Bawariýa» bassyr 2-nji möwsüm, soňky 4 möwsümde-de 3-nji gezek toparçalardaky 6 duşuşygyny ýeňmegi başardy. «Bawariýa» bu statistikany 3 gezek başaran ilkinji klub boldy. Toparçalardaky bassyr 13-nji ýeňşini gazanan «Bawariýa» toparçalarda 34 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Bu 2 görkeziji-de rekorda deňdir. «Bawariýalylar» öz meýdançasynda bassyr 22 duşuşykda gol geçirip, bu babatda rekordy täzeledi. Beýleki duşuşykda «Barselona» myhmançylykda «Wiktoriýa Plzeni» 4–2 ýeňdi. Ätiýaçdaky oýunçylar bilen meýdança çykan «Barselonanyň» gollaryny Markos Alonso (6), Ferran Torres (44, 54) hem-de Pablo Torre (75) geçirdi. Çeh klubunyň gollaryny bolsa Çori derweзä girizdi (51 p, 63). «Barselona» topary bassyr 2-nji möwsümde Ýewropa Ligasynda çykyş eder. «Wiktoriýa» bolsa toparçalary utuksyz tamamlap, -19 gol aratapawudy bilen ýaryşyň taryhyndaky iň pes netijeleriň birini gaýtalady.

**«D» toparçanyň** ykbaly 6-njy oýunlarda kesgitlendi. 5-nji duşuşyklardan soň ähli klubuň hem ýaryşy dowam etdirmek mümkinçiligi bardy. «Sportingi» 2 oýunda yzly-yzyna ýeňip, ýaryşa goşulan «Marsel» öz meýdançasynda 8 utukly «Tottenhamy» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda 1-nji ýarymyň ahyrynda «Marsel» Mbembanyň goly bilen öňe geçdi. Iňlisler 54-nji minutda Lengleniň goly esasynda hasaby deňlemegi başardy. Oýnuň 90+5-nji minutynda Hoýbýorgyň goly bilen 2–1 öňe saýlanan «Tottenham» toparçadaky liderligini saklap, 1/8 finala adyny ýazdyrdy. «Marsel» bolsa agza-burna gelen 2-nji tapgyry elden giderip, Ýewrokuboklaryň daşynda galdy.

Toparçadaky beýleki duşuşykda-da edil «Marsel»–«Tottenham» duşuşygyndaky ýaly netije hasaba alyndy. Bu duşuşykda-da ýer eýeleri «Sporting» 39-njy minutda Arturyň goly bilen 1-0 öňe saýlandy. 62-nji minutda «Aýntrahtyň» ýaponiýaly oýunçysy Kamada penaltini dürs urup, hasaby deňledi. Bu goldan 10 minut soň Kolo Muani nemes klubuna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şeýlelikde, UEFA Çempionlar Ligasyna ilkinji gezek gatnaşýan «Aýntraht» topary 1/8 finala adyny ýazdyrdy. Ýewropa Ligasynyň çempiony hökmünde bu ýaryşa gatnaşan «Aýntraht» toparçada 2-nji ýeri eýeledi. «Sporting» bolsa 3-nji orny eýeläp, ýoluny Ýewropa Ligasynda dowam etdirer.

**«E» toparçada** «Çelsi» öz meýdançasynda «Dinamo Zagrebi» garşydaşlarynyň 1-0 öňe geçendigine garamazdan, Sterling we Zakariýanyň gollary esasynda 2-1 ýeňdi. «Milan» bolsa «San Siroda» «Salsburg» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Duşuşykda 2 gol geçirip, 2 goluň pasyny beren 36 ýaşyndaky Oliwie Žiru bu görkezijiler bilen rekord goýdy. Utugyny 10-a ýetiren «Milan» 8 ýyldan soň 2-nji tapgyra çykmagy başardy.

**«F» toparçada** «Real Madrid» öz meýdançasynda «Seltigi» 5–1 ýeňdi. Fransiýaly zenan emin Frapparyň ilkinji 35 minutda 3 penalti bellän duşuşygynda ýer eýeleriniň gollaryny Modriç, Rodrigo, Asensio, Winisius hem-de Walwerde geçirdi. 37 ýaşyndaky Modriç UÇL-de penaltiden tapawutlanan iň ýaşuly futbolçy boldy. Bir penaltini dürs urup bilmedik «Seltik» toparynyň ýeketäk goluny 84-nji minutda Žota derweзä girizdi. «Şahtýor Donesk» bilen «Leipsigiň» arasynda oýnalan duşuşykda nemes kluby 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu ýeňişden soň utugyny 12-ä çykaran «Leipsig» 5-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda 3-nji gezek 1/8 finala adyny ýazdyrdy.

**«G» toparçada** «Mançester Siti» topary «Sewilýany» 3–1 ýeňip, toparçalardaky duşuşyklaryny ýeňlişsiz tamamlady. Duşuşykda iňlis klubunyň 1-nji goluny geçiren Riko Lýuwis (17 ýaş 346 gün) UÇL-de esasy düzümde meýdança çykyp gol geçiren iň ýaş futbolçy rekordyny 6 günlük aratapawut bilen Karim Benzemadan (17 ýaş 352 gün) almagy başardy. Öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmund» bilen 1–1 deňme-deň oýnan «Kopengagen» topary şu möwsümdäki ilkinji goluny geçirdi.

**«H» toparçada** PSŽ myhmançylykda «Ýuwentusy» Mbappe we Nuno Mendeşiň gollary bilen 2–1 ýeňdi. Mbappe UÇL-de 40 gola ýeten iň ýaş futbolçy rekordyny täzeledi (23 ýaş 317 gün). Bu ugurda ozalky rekord Lionel Messä degişlidi (24 ýaş 130 gün). PSŽ-niň gazanan bu ýeňşi olaryň birinji bolmagy üçin ýeterlik bolmady.

Myhmançylykda «Makkabi Haýfany» 6 oýunçynyň hersiniň 1 gol geçiren duşuşygynda 6–1 ýeňen «Benfika» topary toparçany 1-nji orunda tamamlady. «Benfika» bilen PSŽ-niň arasynda 3 esasy görkeziji-de deň bolup, ýagny özara oýunlary (1–1, 1–1), geçiren we geçirden gollary (16–7) birmeňzeş bolany üçin myhmançylykdaky geçiren gollary esasynda (9–6), parižlilerden öňe saýlanan «Benfika» 1-nji orna mynasyp boldy. «Ýuwentus» bolsa gol aratapawudy boýunça «Makkabiden» öňe saýlanyp, Ýewropa Ligasynda çykyş etmäge hukuk gazandy.

| Or. | «A» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 6 | 5 | 0 | 1 | 20–6 | 15 |
| 2 | LIWERPUL | 6 | 4 | 0 | 1 | 17-6 | 15 |
| 3 | AÝAKS | 6 | 2 | 0 | 4 | 11-16 | 6 |
| 4 | REÝNJERS | 6 | 0 | 0 | 6 | 2–22 | 0 |

| Or. | «B» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTO | 6 | 4 | 0 | 2 | 12-7 | 12 |
| 2 | KLUB BRÝUGGE | 6 | 3 | 2 | 1 | 7-4 | 11 |
| 3 | BAÝER | 6 | 1 | 2 | 3 | 4-8 | 5 |
| 4 | ATLETIKO M | 6 | 1 | 2 | 3 | 5-9 | 5 |

| Or. | «C» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 6 | 6 | 0 | 0 | 18-2 | 18 |
| 2 | INTER | 6 | 3 | 1 | 2 | 10-7 | 10 |
| 3 | BARSELONA | 6 | 2 | 1 | 3 | 12-12 | 7 |
| 4 | WIKTORIÝA P | 6 | 0 | 0 | 6 | 5-24 | 0 |

| Or. | «D» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TOTTENHAM | 6 | 3 | 2 | 1 | 8-6 | 11 |
| 2 | AÝNTRAHT | 6 | 3 | 1 | 2 | 7-8 | 10 |
| 3 | SPORTING | 6 | 2 | 1 | 3 | 8-9 | 7 |
| 4 | MARSEL | 6 | 2 | 0 | 4 | 8-8 | 6 |

| Or. | «E» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÇELSI | 6 | 4 | 1 | 1 | 10-4 | 13 |
| 2 | MILAN | 6 | 3 | 1 | 2 | 12-7 | 10 |
| 3 | RB SALSBURG | 6 | 1 | 3 | 2 | 5-9 | 6 |
| 4 | DINAMO Z | 6 | 1 | 1 | 4 | 4-11 | 4 |

| Or. | «F» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 6 | 4 | 1 | 1 | 15-6 | 13 |
| 2 | RB LEIPSIG | 6 | 4 | 0 | 2 | 13-4 | 12 |
| 3 | ŞAHTÝOR DONESK | 6 | 1 | 3 | 2 | 8-10 | 6 |
| 4 | SELTIK | 6 | 0 | 2 | 4 | 4-15 | 2 |

| Or. | «G» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MANÇESTER SITI | 6 | 4 | 2 | 0 | 14-2 | 14 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 6 | 2 | 3 | 1 | 10-5 | 9 |
| 3 | SEWILÝA | 6 | 1 | 2 | 3 | 6-12 | 5 |
| 4 | KOPENGAGEN | 6 | 0 | 3 | 3 | 1-12 | 3 |

| Or. | «H» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BENFIKA | 6 | 4 | 2 | 0 | 16-7 | 14 |
| 2 | PARI SEN-ŽERMEN | 6 | 4 | 2 | 0 | 16-7 | 14 |
| 3 | ÝUWENTUS | 6 | 1 | 0 | 5 | 9-13 | 3 |
| 4 | MAKKABI HAÝFA | 6 | 1 | 0 | 5 | 7-21 | 3 |

## Toparçalardaky 6-njy duşuşyklaryň netijeleri:

**«LIWERPUL»—«NAPOLI»: 2-0**
(Salah 84, Nunýes 90+8)
**«REÝNJERS»—«AÝAKS»: 1-3**
(Tawernier 87 p – Berguis 4, Kudus 29, Konseisao 89)
**«PORTO»—«ATLETIKO»: 2-1**
(Taremi 5, Euştakiu 24 – Markano 90+5 ö.d.)
**«BAÝER»—«KLUB BRÝUGGE»: 0-0**
**«BAWARIÝA»—«INTER»: 2-0**
(Pawar 32, Çupo-Moting 72)
**«WIKTORIÝA PLZEN»—«BARSELONA»: 2-4**
(Çori 51 p, 63 – Alonso 6, Torres 44, 54, Torre 75)
**«MARSEL»—«TOTTENHAM»: 1-2**
(Mbemba 45+2 – Lengle 54, Hoýbýerg 90+5)
**«SPORTING»—«AÝNTRAHT»: 1-2**
(Artur 39 – Kamada 62 p, Kolo Muani 72)
**«ÇELSI»—«DINAMO ZAGREB»: 2-1**
(Sterling 18, Zakariýa 30 – Petkowiç 7)
**«MILAN»—«SALSBURG»: 4-0** (Žiru 14, 57, Kruniç 46, Messias 90+1)
**«REAL MADRID»—«SELTIK»: 5-1**
(Modriç 6 p, Rodrigo 21 p, Asensio 51, Winisius 61, Walwerde 71 – Žota 84)
**«ŞAHTÝOR DONESK»—«RB LEIPSIG»: 0-4**
(Nkunku 10, Andre Silwa 50, Soboslai 62, Bondar 68 ö.d.)
**«MANÇESTER SITI»—«SEWILÝA»: 3-1**
(Lýuwis 52, Alwares 73, Mahrez 83 – Rafa Mir 31)
**«KOPENGAGEN»—«BORUSSIÝA DORTMUND»: 1-1**
(Haraldsson 41 – T. Hazar 23)
**«ÝUWENTUS»—«PARI SEN-ŽERMEN»: 1-2**
(Bonuçÿi 39 – Mbappe 13, Nuno Mendeş 69)
**«MAKKABI HAÝFA»—«BENFIKA»: 1-6**
(Çeri 26 p – Ramos 20, Musa 59, Grimaldo 69, R. Silwa 73, Arauho 88, Žoao Mario 90+2

**1-nji ÝERI EÝELÄNLER:**
«Napoli», «Porto», «Bawariýa», «Tottenham», «Çelsi», «Real Madrid», «Mançester Siti», «Benfika»
**2-nji ÝERI EÝELÄNLER:**
«Liwerpul», «Klub Brýugge», «Inter», «Aýntraht», «Milan», «Leipsig», «Borussiýa Dortmund», «Pari Sen-Žermen»
**ÝEWROPA LIGASYNA GATNAŞJAKLAR:**
«Aýaks», «Baýer», «Barselona», «Sporting», «RB Salsburg», «Şahtýor Donesk», «Sewilýa», «Ýuwentus»







## HORMATLY RAÝATLAR!

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň amatlyklaryndan peýdalanmaga çagyrýar!**



Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Altyn asyr» bank kartyny saklaýjy müşderilerine bank tarapyndan hödürlenilýän gysga möhletli karzlar üçin «Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň ulanyşa girizilendigini habar berýär.

«Owerdraft karty» nagt däl görnüşinde hasaplaşyklar geçirilende müşderiniň «Altyn asyr» bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk halatynda baglaşylan şertnama laýyklykda onuň «Owerdraft kart» hasabyna kesgitlenen çäklerde awtomatiki usulda gysga möhletli karzlary resmileşdirmäge mümkinçilik berýär.

Müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän «Altyn asyr» bank kart hasabyna serişde gelip gowşanda bellenilen tertipde karz yzyna gaýtarylýar.

Şeýle hem degişli şertnamanyň hereket edýän döwründe karz gaýtarylandan soňra, goşmaça şertnama baglaşmazdan «Owerdraft karty» hasabyna karzy gaýtadan ulanmak mümkinçiligi döredilen.

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi: 44-03-04**
**Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň www.tnbk.tm resmi internet sahypasynda görkezilen.**



## GADYRLY OKYJYLAR!

***«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2023-nji ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!***

**INDEKSI 69477**



**2023-nji ýylyň I ýarym ýyllygy üçin ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň, şol sanda «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron görnüşine abuna ýazylyşyk dowam edýär.**

**«turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda, şonuň ýaly-da onuň «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Pudak gazet-žurnallary» atly bukjany saýlap, gazetiň elektron neşirine abuna ýazylyp bolýar. «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň «Türkmenmetbugat» elektron neşirine abuna ýazylmagyň ýarym ýyllygynyň bahasy 60 manat. Abunaçylar gazetimize abuna ýazylmak bilen, neşirleriň ýene-de 22-sini okamaga mümkinçilik alarlar.**

Tel.:(99312) 28-14-05 | Faks: (99312) 28-14-36 | @mail: info.zamanturkmenistan@gmail.com | web-site: www.zamanturkmenistan.com.tm